TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BU GÜN GÖZEL DIÝARYMYZYŇ WELAÝATLARY, ETRAPLARY WE ŞÄHERLERI BARHA ÖZGERÝÄR. NUSGALYK OBALARDYR ŞÄHERÇELERDE GURULÝAN ÝAŞAÝYŞ JAÝLARYNDA RAÝATLARYMYZYŇ ABADAN WE BAGTYÝAR DURMUŞDA ÝAŞAMAKLARY, DYNÇ ALMAKLARY ÜÇIN ÄHLI ŞERTLER DÖREDILÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

19-njy sentýabr, 2025. Belgisi 38/1656



17-nji sentýabrda Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Gowşut geňeşliginde täze, döwrebap obanyň açylyş dabarasy boldy. Täze ilatly ýeriň «Bagtly zamana» diýlip atlandyrylmagy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşaýandygyny alamatlandyrýar.

# BAGTLY ZAMANA OBASY — WATANYMYZYŇ GARAŞSYZLYK BAÝRAMYNA AJAÝYP TOÝ SOWGADY

Garaşsyz Diýarymyzda täze, döwrebap şäherleri, şäherçeleri we obalary gurup ulanmaga bermek Gahryman Arkadagymyz tarapyndan binýady goýlup, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda alnyp barylýan durmuş ugurly döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasyndan» gelip çykýan wezipelerden ugur alnyp, ýurdumyzyň sebitlerinde ilaty döwrebap ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün etmek boýunça işler batly depginde dowam edýär, ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş toplumlary, obalardyr şäherçeler bina edilýär. Olarda ilata durmuş taýdan hyzmat edýän dürli maksatly desgalar gurulýar, abadan durmuş, netijeli zähmet çekmek, göwnejaý dynç almak üçin ähli şertler döredilýär. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygynyň öňüsyrasynda Bagtly zamana obasynyň açylmagy hem munuň aýdyň mysalydyr.

Açylyş dabarasyna Türkmenistanyň Mejlisiniň, welaýat we etrap halk maslahatlarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, hormatly ýaşulular, etrabyň ýaşaýjylary gatnaşdylar. Dabaranyň dowamynda sungat ussatlarynyň ýerine ýetiren joşgunly çykyşlary baýramçylyk şowhunyny has-da artdyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiziň dabara gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy. Döwlet Baştutanymyz Gutlagynda «Bu gün gözel Diýarymyzyň welaýatlary, etraplary we şäherleri barha özgerýär. Nusgalyk obalardyr şäherçelerde gurulýan ýaşaýyş jaýlarynda raýatlarymyzyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamaklary, dynç almaklary üçin ähli şertler döredilýär. Durmuş eşretleri ilatyň ösen isleglerini kanagatlandyrmak üçin gurulýan ähli obalary gurşap alýar. Bu işleriň düýp many-mazmuny bolsa ýurdumyzda üstünlikli amala aşyrylýan «Döwlet adam üçindir!» diýen ynsanperwer syýasatda kesgitlenendir» diýip bellenýär.

Dabarada edilen çykyşlarda nygtalyşy ýaly, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeler halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Şunda ýaşaýyş-durmuş infrastrukturasynyň kämilleşdirilmegine möhüm ähmiýet berilýär. Täze innowasion tehnologiýalar bilen üpjün edilen, dünýä standartlaryna laýyk gelýän döwrebap bilim we saglygy goraýyş edaralary, söwda merkezleri, beýleki desgalar halkymyzyň durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Şunuň bilen baglylykda, dabara gatnaşyjylar Bagtly zamana obasynyň etrabyň ýaşaýjylary üçin ajaýyp toý sowgady bolandygyny belläp, halkymyzyň abadan durmuşda ýaşamagy ugrunda edýän aladalary üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan etdiler.

Bagtly zamana obasy 400 sany döwrebap ýaşaýyş jaýyny, 640 orunlyk orta mekdebi, 320 orunlyk çagalar bagyny, söwda merkezini, geňeşligiň edara binasyny özünde jemleýär. Obadaky täze orta mekdepde çagalaryň döwrebap bilim we terbiýe almagy üçin ähli şertler döredilipdir. Mekdepde döwrebap okuw enjamlary bilen üpjün edilen ýagty hem giň okuw otaglary, okuwçylaryň döredijilik ukyplaryny açmaklary üçin aýdym-saz otaglary, sport, medeni çäreler üçin zallar, kitaphana göz öňünde tutulypdyr.

Milli saglygy goraýyş ulgamyny döwrüň talaplaryna laýyklykda ösdürmäge hem möhüm ähmiýet berilýär. Ilatyň saglygyny goramak, adamlaryň ömür dowamlylygyny uzaltmak, jemgyýetiň hemmetaraplaýyn ösmegini üpjün etmek baş wezipe hökmünde kesgitlenildi. Şundan ugur alnyp, ýurdumyzyň sebitlerinde we paýtagtymyzda täze lukmançylyk edaralary, anyklaýyş merkezleri, derman serişdelerini öndürýän kärhanalar gurlup ulanmaga berilýär. Täze obadaky döwrebap saglyk öýi hem häzirki döwrüň talaplaryna doly laýyk gelýän lukmançylyk tehnikalary, iň kämil enjamlar bilen üpjün edilipdir. Bu bolsa oba ilatyna köpugurly lukmançylyk hyzmatlaryny hödürlemäge mümkinçilik döredýär.

Döwrebap söwda merkezinde azyk önümlerinden başlap, gündelik durmuşda zerur bolan hojalyk harytlaryny satyn almak bolýar. Munuň özi ýurdumyzda haryt-söwda dolanyşygynyň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýändiginiň, ilatyň azyk we hojalyk harytlary bilen bökdençsiz üpjün edilmegi, daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan, dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply harytlaryň önümçiligini ýokarlandyrmak ugrunda uly tagalla edilýändiginiň aýdyň mysalydyr.

Täze obada bina edilen çagalar bagynda hem körpeler üçin oýun, ýatakhana, synp otaglary, şol sanda mekdebe çenli bilim üçin döwrebap ulgamlar üpjün edilen lingafon hem-de kompýuter otaglary göz öňünde tutulypdyr. Mekdebe çenli çagalar edarasynda körpeleriň ýaş aýratynlyklaryna görä bilim-terbiýe almaklary, wagtyny şadyýan geçirmekleri, göwnejaý dynç almaklary üçin ähli şertler döredilipdir.

Täze obanyň açylyş dabarasynyň dowamynda welaýatyň sungat ussatlary halkymyzyň milli däp-dessurlaryny şöhlelendirýän sahnalaşdyrylan kompozisiýalary ýerine ýetirdiler. Şowhunly çykyşlar dabara gatnaşyjylaryň baýramçylyk şatlygyny goşalandyrdy.





## Halk Maslahaty – demokratiýanyň kämil nusgasy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalaryň üstünlikli amala aşyrylmagyna, raýat jemgyýetini pugtalandyrmaga, syýasy, ykdysady, demokratik özgertmeleri has-da işjeňleşdirmäge uly ähmiýet berilýär. Ýurdumyz ynsanperwerlik we adalatlylyk ýörelgelerini ykrar edip, döwlet we jemgyýetçilik durmuşyny demokratiýalaşdyrmak we şahsyýetiň ähli hukuklaryny we azatlyklaryny dolulygyna goramak ýoly bilen ynamly öňe barýar.



Hormatly Prezidentimiz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe jemgyýetimizi milli demokratik ýörelgeler esasynda ösdürmek boýunça gazanan üstünliklerimizi has-da ýaýbaňlandyrmak hem-de kämilleşdirmek maksady bilen türkmen halkynyň döwleti dolandyrmakda toplan köpasyrlyk tejribesini baýlaşdyrýar. ■ 2

## Türkmenistan BMG-niň Merkezi Aziýada strategik hyzmatdaşy




**Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň halkara giňişlikde giň goldawa eýe bolýan daşary syýasat strategiýasy hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine esaslanýar. Bu özboluşly doktrina parahatçylykly ýaşamak, sebitde howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek üçin binýat bolup, 30 ýylyň dowamynda ýurdumyza ygtybarly hyzmatdaş we dünýä prosesleriniň işjeň agzasy hökmünde çykyş etmäge mümkinçilik berýän netijeli gurala öwrüldi. Dünýä jemgyýetçiligi onuň tutuş sebit üçin ähmiýetini ykrar edip, döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny birnäçe gezek tassyklady. Birleşen Milletler Guramasynyň resminamalary, şol sanda Baş Assambleýanyň Kararnamalary bu syýasatyň häzirki döwürde möhüm ähmiýete eýe bolýandygyna şaýatlyk edýär.** ■ 2

## Garaşsyzlyk – milli buýsanjymyz

*Garaşsyzlyk güni halkymyzyň özbaşdaklyk, azatlyk, erkinlik, agzybirlik, Garaşsyz Watan, ene topragymyzyň goýnunda berk binýatly döwletiň kemala gelmegi hem-de birlik-bitewülik hakynda eden köpasyrlyk arzuwlarynyň amala aşandygyny alamatlandyrýan şanly sene bolmak bilen, ol döwürleriň we nesilleriň aýrylmaz arabaglanyşygyny üpjün edýär. Garaşsyzlyk türkmene baky bagty, sowulmajak bahary bagyş etdi.*

Milli Liderimiz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň gadyr-gymmaty, onuň ähmiýeti barada şeýle belleýär: «Garaşsyzlyk döwletimiziň synmaz binýady, halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň mizemez esasydyr!». Hakykatdan hem Garaşsyzlyk diýen söz her birimiz üçin arzyly, ol – halkymyzyň ykbalynyň arşa göterilmegini üpjün eden mukaddeslik, pederlerimiziň asyrlarboýy gursagynda göteren arzuwy. Şonuň üçin hem bagtyýar raýatlarymyz mukaddes Garaşsyzlygymyzy başlarynyň täji hasaplaýar. Halkymyzyň agzybirlik, döwletlilik, berkararlyk baradaky eden arzuwlarynyň wysaly bolan Garaşsyzlygymyzy gözümiziň göreji ýaly goramak her birimiziň borjumyzdyr. Garaşsyzlyk türkmeniň adyny, beýik hem parasatly, parahatçylyk söýüji halkdygyny bütin dünýä äşgär etdi. Garaşsyzlyk Türkmenistan döwletimiziň döwletlilik esaslarynyň synmaz binýadyny berkidip, abraýyny artdyran, ösüş-özgerişlere badalga beren hem-de mertebesini belende göteren gudratdyr. Ol türkmen halkynyň taryhyna buýsanyp, şu günki bagtyýar durmuşyna guwanyp, röwşen ertirlerine umyt baglap, Ýer ýüzünde mertebeli ýaşamagynyň kepilidir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň irginsiz aladalary netijesinde amala aşyrylýan özgertmeleriň her biri röwşen geljegimiziň, bagtyýar durmuşymyzyň berk binýadydyr. Garaşsyzlyk ýyllarynyň oňyn özgertmeleri halkyň beýik taryhyny kemala getirdi. Bu täze taryhy döwür dünýä giňişliginde şöhratlanýar, äleme ýaýylýar. Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk toýunyň uludan baýram edilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurt Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk toýy ruhy joşguna, egsilmez buýsanja beslenýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Garaşsyz Watanymyzyň hoşniýetli daşary syýasaty bolsa dünýä bileleşigi tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk ýörelgesine eýermek bilen, häzirki zamanyň halkara gatnaşyklary ulgamyndaky öz täsirini we abraýly ornuny barha pugtalandyrýar. ■ 2



## Maýa goýum forumy – halkara hyzmatdaşlygyň hereketlendiriji güýji

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň alyp barýan öňdengörüjilikli, ylmy taýdan esaslandyrylan durmuş-ykdysady ösüş strategiýasynyň netijesinde ýurdumyz täze üstünliklere beslenýär. Mukaddes ýurt Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk şanly baýramynyň bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň ösüşini şöhlelendirýän täze, iri möçberli meýilnamalar, giň möçberli, innowasion ösüşlere gönükdirilen öňdebaryjy özgertmeler durmuşa geçirilýär.*

Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň fewral aýynda Prezident Maksatnamasynda bellenilen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, «Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyny» tassyklady. Bu resminama laýyklykda, durmuş maksatly binalaryň we desgalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň, şeýle hem inženerçilik ulgamlarynyň we desgalarynyň, senagat we önümçilik desgalarynyň gurluşyklary işjeň alnyp barylýar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek babatda giň gerimli işler alnyp barylýar. Munda ýurdumyzyň çäginde we daşynda geçirilýän halkara maslahatlardyr forumlaryň hem ähmiýeti uludyr. Şunuň bilen baglylykda, yzygiderli geçirilip gelinýän Türkmenistanyň Maýa goýum forumy halkara ykdysady hyzmatdaşlygyň esasy ugruna öwrüldi. 18–19-njy sentýabrda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilýän Türkmenistanyň Maýa goýum forumy tutuş Merkezi Aziýa üçin ähmiýetli waka boldy. Ählumumy özgertmeler döwründe Türkmenistan, halkara hyzmatdaşlaryna maýa goýumlar hem-de özara bähbitli ykdysady hyzmatdaşlyk üçin täze mümkinçilikleri döredip, ynamly gadam urýar. «Milli mümkinçilikler, ählumumy hyzmatdaşlyklar» şygary astynda geçirilýän forum ýurduň ykdysadyýetini has durnukly, döwrebap we maýa goýumlar üçin açyk etmekligi ara alyp maslahatlaşmak üçin işewürligiň, häkimiýetiň we bilermen jemgyýetiniň wekillerini birleşdirdi.

Foruma wekiliýetleriň 800-den gowrak agzasy gatnaşýar. Olaryň arasynda ministrler, köpmilletli korporasiýalaryň ýolbaşçylary, maýa goýum banklarynyň ýolbaşçylary we tejribeli ylmy-gözlegçiler bar.

Awazadaky sessiýalarda 90-dan gowrak halkara bilermen tarapyndan çykyşlar diňlenildi. Ara alyp maslahatlaşmalar Türkmenistanyň ýangyç-energetika toplumy, gurluşyk we senagat, ulag we logistika, howa şertlerine çydamly oba hojalygy, sanly we «ýaşyl» özgertmeler ýaly esasy ugurlarda strategik maýa goýum mümkinçiliklerine gönükdiriler. Goşmaça sessiýalarda täze söwda bazarlaryna çykmak, döwlet-hususy hyzmatdaşlygy, howanyň üýtgemegi we ýurduň ykdysadyýetini diwersifikasiýa etmek boýunça strategik ugurlara garalar. Bu çäre 50 resmi hemaýatçy we hyzmatdaş tarapyndan goldanylýar. Bu bolsa foruma bolan halkara derejedäki uly gyzyklanmany görkezýär.

Türkmenistanyň Maýa goýum forumy Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi hem-de Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan guralýar. «Türkmen Kongres» ýardamçy guramaçy hökmünde çykyş edýär. ■ 2




## Dünýä türkmenlerini jebisleşdirýän gurama

Mälim bolşy ýaly, döwlet Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygynyň öňüsyrasynda, paýtagtymyzda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXVI maslahaty geçirildi. Oňa Birleşigiň daşary ýurt we ýerli bölümleriniň agzalary gatnaşdylar. Munuň özi dünýäniň dürli ýurtlarynda ýaşaýan doganlarymyz bilen ýakyn gatnaşyklaryň hem-de olaryň ata Watanymyzda geçirilýän giň gerimli çärelere işjeň gatnaşmagynyň döwletimiz tarapyndan goldanylýandygynyň aýdyň güwäsidir.



1991-nji ýylyň 18-nji maýynda dünýäniň 10 döwletinde ýaşaýan türkmen doganlarymyz ilkinji gezek özleriniň ata Watany Türkmenistanda bir supranyň daşyna jemlenip, Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň birinji maslahatyny geçirýärler. Netijede, şol gün Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi döredilýär we onuň Düzgünnamasy kabul edilýär. Şondan bäri Birleşik daşary ýurtlarda kowçum bolup ýaşaýan türkmenleriň wekilleri bilen medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmek işini üstünlikli alyp barýar. ■ 2

## 29 sagatlyk uçar gatnawy

Hytaýyň «China Eastern Airlines» awiakompaniýasy Şanhaý bilen Buenos-Aýres aralygynda howa gatnawyny ýola goýdy. Kompaniýa bu uçuşyň dünýäniň iň uzyn göni gatnawydygyny belleýär. Şeýle-de bolsa, Argentinanyň paýtagtyna barýan ýolagçy uçary Täze Zelandiýanyň Oklend şäherinde düşläp geçer. Howa gämisi gonan wagty ýolagçylar gysga wagtlyk daşaryk çykyp bilerler. Uçar Şanhaýdan Buenos-Aýresdäki Ministro Pistarini aeroportyna 25,5 sagatda, yzyna bolsa 29 sagatda geler. Kompaniýa uçar gatnawynyň «antipod» häsiýete eýe bolan ilkinji uçuşdygyny belleýär. Antipod Ýeriň bir-birine ters tarapynda ýerleşýän şäherler diýmegi aňladýar. Täze ugur 4-nji dekabrdan başlap uly göwrümli «Boeing 777-300» uçarlary bilen amala aşyrylar. Awiakompaniýa uçaryň günortadan, Ýeriň iň çetki suwlarynyň üstünden we Antarktika ýakyn ýerden geçjekdigini mälim etdi.



Häzirki wagtda dünýäniň iň uzak uçuşy «Singapur» awiakompaniýasy tarapyndan Singapur – Nýu-Ýork aralygynda amala aşyrylyp, uçuş wagty 18 sagat töweregi dowam edýär.

Şanhaý bilen Buenos-Aýres şäherleriniň arasyndaky iň gysga uçuş «Air France» hem-de «Lufthansa» awiakompaniýalaryna degişli bolup, 31 sagat dowam edýär.

**Ýazgeldi BABALYÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Ýewropaly kompaniýalar kosmos internetini döreder

Ýewropanyň «Airbus», «Thales» we «Leonardo» kompaniýalary kosmos internetini döretmegi meýilleşdirýär. Taslamany durmuşa geçirmek üçin 10 milliard ýewronyň bölünip berilmegi we ýylyň ahyryna çenli bilelikdäki kompaniýanyň döredilmegi meýilleşdirilýär. Merkezi edarasy Fransiýanyň Tuluza şäherinde ýerleşjek kompaniýa emeli hemralaryň önümçiligini hem amala aşyrar. Bu taslama bilen Ýeriň aşaky orbitasyna ýüzlerçe emeli hemranyň uçurylmagy göz öňünde tutulýar. Taslama emeli hemra interneti ugrundaky bäsdeşligi artdyrar. Şeýle hem Ýer ýüzüniň köp ýeri ýokary tizlikli aragatnaşyk hyzmaty bilen üpjün ediler. Häzirki wagtda bu ugurda «SpaceX» kompaniýasynyň «Starlink» atly hyzmaty öňdeligi eýeläp, dünýäniň 130 töweregi ýurdunda elýeterlidir.



**Gurbansähet DURDYGYLYJOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## 100 ýaşlylaryň sany 100 müňe golaýlady

Ýaponiýa uzak ýaşaýanlaryň ýurdy hökmünde bellidir. Ýurtda 100 ýaşyndan geçen adamlaryň sanynyň 100 müňe golaýlandygy mälim edildi. Ýaponiýanyň Saglyk ministrliginiň maglumatyna görä, bu ýurtda 99 müň 763 adam azyndan bir asyry arka atypdyr. Soňky ýyllarda ýurtda 100 ýaşyndan geçenleriň sany yzygiderli artýar. Bilermenler ýaponlaryň uzak ýaşamagynyň iýmitleniş endikleri bilen baglydygyny belleýärler. Ýapon aşhanasynda, esasan, deňiz we gök-bakja önümleri agdyklyk edýär. Şeýle hem olar yzygiderli hereketde bolýarlar hem-de köpçülik bilen gatnaşyk saklaýarlar. Bu bolsa adamyň ruhy saglygyna oňyn täsir edýär. Maglumata görä, ýurtdaky iň garry adam 114 ýaşly zenan, pensioner lukman Şigeko Kagawa. Erkekleriň arasynda bolsa, 111 ýaşly Kiýotaka Mizuno. Ýüz ýaşdan geçenleriň 88 göterimini zenanlar düzýär.



**Meňli ATAMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Emeli aň ministri «işe başlady»

Albaniýanyň Hökümet Başlygy Edi Rama Ministrler Kabinetiniň täze agzalarynyň arasynda emeli aň bilen işleýän «agzanyň» hem göz öňünde tutulandygyny mälim etdi. «Diella» atly emeli aň programmasy tenderlere we maliýe bilen bagly amallara sereder. Rama «Diella»-nyň ýylyň başyndan bäri ýurduň elektron döwlet platformasy bolan «E-Albania»-da ulanyjylara ýardam edýändigini mälim etdi. Ol «Diella»-nyň fiziki taýdan bar bolmadyk we emeli aň tarapyndan döredilen ilkinji hökümet agzasydygyny aýtdy. Bu söz albançada «Gün» diýmegi aňladýar. Ol alban milli eşiklerini geýen zenan hökmünde suratlandyrylypdyr.



«Diella» häzire çenli «e-Albania» sanly platformasy arkaly 36 müň 600 resminamanyň taýýarlanmagyna kömek edipdir.

**Rüstem HOJANEPESOW,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap geňeşiniň uly hasapçysy.*

## Daşary ýurt dilleriniň okadylyşy

Häzirki döwrüň ösüşi dünýä ýurtlarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň giňelmegine getirdi. Söwda, ylym, tehnologiýa we medeniýet ulgamlarynda hyzmatdaşlyk etmek üçin bolsa daşary ýurt dillerini bilmek zerurlyga öwrüldi. Şonuň üçin dünýäniň ähli ýerinde, şeýle hem ýurdumyzda daşary ýurt dilleriniň okadylyşyna uly ähmiýet berilýär.

Dili öwrenmegiň esasy maksady diňe sözleri ýatda saklamak däl-de, eýsem, beýleki halklaryň medeniýetini, pikirleniş aýratynlygyny hem öwrenmekdir. Ýaşlar gaýry dili öwrenmek arkaly giň maglumat çeşmelerine girip bilýärler, dünýäde bolup geçýän täzeliklerden habarly bolýarlar. Bu bolsa olaryň giň gözýetimli şahs hökmünde kemala gelmegine ýardam edýär.



Orta we ýokary okuw mekdeplerinde daşary ýurt dilleri öwredilende mugallymlaryň täzeçil usullardan peýdalanmagy, elektron kitaplary, multimediýa serişdeleri ulanmagy okuwçylaryň we talyplaryň dili çalt, aňsat özleşdirmegine mümkinçilik berýär. Şeýle-de, dil öwrenmekde diňlemäge, gürrüň etmäge, ýazmaga we okamaga deň derejede üns berilmelidir.

Mundan başga-da, başga dili öwrenmegiň netijeliligi tejribä baglydyr. Okuwçylaryň dürli gepleşiklere gatnaşmagy, daşary ýurtlular bilen aragatnaşyk saklamagy, internet arkaly has köp maglumata ýüzlenmegi diliň çalt ösdürilmegine ýardam edýär. Şeýle tejribeler diňe dil başarnygyny däl, eýsem, ynamy, gepleşik medeniýetini hem güýçlendirýär.

Dili gowy özleşdiren ýaşlar diňe bir şahsy ösüşi üçin däl, eýsem, ýurdunyň halkara derejesindäki abraýy üçin hem hyzmat edýärler. Şonuň üçin her bir ýaş nesil daşary ýurt dilini öwrenmäge jogapkärçilik bilen çemeleşmelidir.

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

# HALK MASLAHATY – DEMOKRATIÝANYŇ KÄMIL NUSGASY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmen halkynyň döwlet gurluşy babatda taryhda toplan tejribesini hemmetaraplaýyn nazara alyp, ata-babalarymyzyň ygtyýarly jemgyýetçilik wekilleri bilen ählihalk ýygnaklaryny geçirip, iň wajyp syýasy, ykdysady, durmuş meselelerini çözmek baradaky asylly däplerinden ugur alyp we umumy ykrar edilen demokratik ýörelgelere eýerip, şeýle hem ilatyň giň gatlaklarynyň möhüm jemgyýetçilik-syýasy çözgütleriniň kabul edilmegine gatnaşmagyny üpjün etmek maksady bilen, 2023-nji ýylyň 21-nji ýanwarynda «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny kabul edildi.

Kanun umumy düzgünleri; Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň guralyşy; Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň we onuň Başlygynyň ygtyýarlyklary; Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumy; Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwany; jemleýji düzgünleri özünde jemleýän 6 bapdan we 23 maddadan ybaratdyr.

Agzalan Kanunyň 1-nji maddasynda: Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda gazananlaryny has-da berkitmek, ýurdumyzy ösüşiň has ýokary derejelerine çykarmak üçin ählihalk hereketini ýaýbaňlandyrmak, jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady, medeni-ynsanperwer we kanunçylyk-hukuk ulgamlarda täze sepgitlere ýetirmek, iň täze taryhymyzda gazanylan üstünlikleri wagyz etmek maksady bilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň döredilendigi bellenilen.

Döwlet ähmiýetli meseleleri çözmäge, ýurdumyzda durmuşa geçirilýän özgertmeleriň we durmuş-ykdysady maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine halk köpçüligini giňden çekmek, teklipleri işläp taýýarlamak, maslahatlar bermek, halkymyzyň agzybirligini, bitewüligini, jebisligini, asudalygyny, abadançylygyny berkitmäge hem-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň täze döwürde beýik özgerişler ýoly bilen depginli ösmegine, has-da kuwwatlanmagyna ýardam bermek, hyzmat etmek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň baş maksady we esasy wezipeleri bolup durýandygy görkezilen.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, şu Konstitusion Kanuna laýyklykda hereket edýän we Türkmenistanyň halkynyň bähbitlerine wekilçilik edýän ýokary wekilçilikli edarasy diýlip kesgitlenen.

Kanuna laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahaty Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Konstitusion Kanuna laýyklykda hereket edýän we Türkmenistanyň halkynyň bähbitlerine wekilçilik edýän ýokary wekilçilikli edara bolup, onuň 2-nji maddasynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzüminde hemişelik agza bolup durýandygy berkidilen.

Şu Kanuna laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine gatnaşmak üçin döwleti goramaga we pugtalandyrmaga, halkyň agzybirligini berkitmäge, adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga saldamly goşant goşan, ykdysadyýeti, ylmy, medeniýeti, durmuş ulgamyny ösdürmekde, jemgyýetçilik, ynsanperwer, haýyr-sahawat işinde we işiň gaýry görnüşlerinde uly hyzmatlary bitiren adamlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň we dini guramalaryň wekillerini, şeýle hem halkara guramalaryň we daşary ýurt döwletleriniň wekillerini, şol sanda diplomatik wekilhanalarynyň baştutanlaryny çagyryp biler.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty öz işini amala aşyranda demokratiýa; aýanlyk; adalatlylyk; kanunyň hökmürowanlygy; halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutmak; adamyň we raýatyň kanunyň öňündäki deňligi; adamyň hukuklaryna we azatlyklaryna hormat goýmak; çözgütleri erkin ara alyp maslahatlaşmak we kabul etmek; jemgyýetçilik pikirini nazara almak ýaly ýörelgelere esaslanýandygy baradaky kada Kanunyň 5-nji maddasynda beýan edilen.

Şeýle hem Kanunyň II babynyň 6-9-njy maddalarynda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisleri; Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň garamagyna teklipleri girizmäge bolan hukuk; Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň çözgütleri; Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň çözgütleriniň ýerine ýetirilmeginiň düzgünleri berkidilen. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ygtyýarlyklary; Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň ygtyýarlyklary we Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň namalary agzalan Kanunyň III babynyň 10-12-nji maddalarynda kesgitlenilen. Kanunyň IV babynyň 13-17-nji maddalarynda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumy; Prezidiumyň düzümi; Prezidiumyň ygtyýarlyklary; Prezidiumyň mejlisleri; Prezidiumyň mejlisiniň teswirnamasy düzgünleşdirilen.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwany; Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanynyň wezipeleri; Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işini maliýeleşdirmek bilen bagly kadalar Kanunyň V babynyň 18-20-nji maddalarynda düzgünleşdirilen.

Kanunyň VI babynyň 21-22-nji maddalarynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli we beýleki edaralary bilen özara gatnaşygy; Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň jemgyýetçilik birleşikleri bilen özara gatnaşyklary berkidilen.

Şöhratly ata-babalarymyzyň döwleti berkarar etmekde hem-de dolandyrmakda toplan baý tejribesi we häzirki döwrüň talaby, ýurdumyzyň döwlet häkimiýet edaralary ulgamy kämilleşdirilýär. Bu bolsa ata Watanymyzyň mundan beýläkki ösüşini üpjün edip, jemgyýetimiziň we döwletimiziň iň ýokary gymmatlygy bolan adamyň hukuklaryny, azatlyklaryny kepillendirmäge mümkinçilikleri döredýär.

Eziz Watanymyzyň hemmetaraplaýyn ösüşini nazarlaýan, il-ýurt bähbitli, döwlet we dünýä ähmiýetli başlangyçlaryň amala aşyrylmagyna goşant goşmak bolsa biziň her birimiziň mukaddes borjumyzdyr.

Halkymyzy eşretli durmuşda ýaşadýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, tutumly işleri rowaç bolsun!

**Akmyrat AŞYROW,**
*Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri.*



# HALKYMYZYŇ GADYMY WE ASYLLY ÝÖRELGELERI DABARALANÝAR

Her ýyl däp bolşy ýaly, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly toýunyň öňüsyrasynda geçirilýän Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi aýratyn ähmiýetlidir. Çünki jemgyýetimiziň ösüşli geljegine gönükdirilýän Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatyna oňyn täsirini ýetirýär. Gahryman Arkadagymyzyň başlyklyk etmeginde 20-nji awgustda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisinde bu forumyň taýýarlyk işlerine badalga berildi. Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisinde eden çykyşynda: «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň başyndan bäri geçen döwürde ähli tagallalarymyz, gujur-gaýratymyz döwletimiziň hem-de jemgyýetimiziň depginli ösüşini üpjün etmäge gönükdirildi. Ýurdumyzda halk häkimiýetliligini, milli demokratik institutlary ösdürmek boýunça taryhy işler durmuşa geçirildi. Biz döwletlilik, kanunylyk we milli demokratik kadalardan ugur alyp, döwlet ähmiýetli möhüm soraglary halk bilen maslahatlaşyp amala aşyrýarys. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işi hem şol maksatlara esaslanýar» diýip belledi.

Halkymyzyň möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşmak ýörelgesi gadymdan bäri dowam edip gelýän demokratik däpleriň biridir. Häzirki döwürde bu asylly däpler ileri tutulýan wezipeleri çözmekde jemgyýetiň hereketlendiriji güýjüne öwrüldi. Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygynyň öňüsyrasynda, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesiniň 30 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda alnyp barlan işleriň jemi jemlener, ileri tutulýan wezipeler kesgitlener we ýurdumyzy mundan beýläk-de ösdürmäge, halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen düýpli özgertmeleri amala aşyrmagyň ileri tutulýan wezipelerine garalar.

Ýaşululara hormat goýmak hem pederlerimizden miras galan asylly däpleriň biridir. Ýaşulularyň jemgyýetdäki mynasyp ornuny, olaryň ýaş nesli halallyk, watançylyk, zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemekdäki hyzmatyny şanly taryhymyzda, gündelik durmuşymyzda hem aýdyň görýäris. Halk Maslahatynda kabul edilýän çözgütler il alkyşy, halk goldawy bilen ýurdumyzyň täze ösüşlerine badalga berýär. Şeýle maslahatlary geçirmek türkmen halkynyň ýaşuly nesle aýratyn sarpa goýýandygyny aýdyň görkezýän mysallaryň biri bolmak bilen, halk häkimiýetiniň esaslaryny pugtalandyrýan milli demokratiýanyň, halkymyzyň gadymy we asylly ýörelgeleriniň dabaralanýandygyny alamatlandyrýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda ähli ugurlarda uly ösüşler gazanylyp, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi yzygiderli gowulandyrylýar. Ata Watanymyzda demokratik ösüşleriň, raýat jemgyýetiniň işjeňleşmegi, ykdysady gatnaşyklaryň geriminiň yzygiderli giňemegi ýaly oňyn görkezijiler türkmen jemgyýetiniň ýaşaýyş-durmuş derejesini hem özgerdýär. Döwlet syýasatyna degişli möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşmak, ýaşululara sala salmak halk demokratiýasynyň we däp-dessurlarynyň esasy ýörelgeleriniň biridir. Ata Watanymyzyň gazanýan ägirt uly üstünliklerine we ýeten sepgitlerine çäksiz buýsanýan halkymyzyň jemgyýetçilik işjeňliginiň mundan beýläk-de ýokarlandyrylmagyna uly goşant goşýan şeýle çäreleriň, milli forumlaryň möhüm ähmiýeti bar. Dünýäde parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge, halkara hyzmatdaşlygyň, şol sanda ýaşlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň giňeldilmegine gönükdirilen köpugurly işleri üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirýäris.

**Gülşat ATAMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## Garaşsyzlyk – milli buýsanjymyz

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Häzirki döwürde döredijilikli işlemäge, bolelin ýaşamaga, medeniýetli dynç almaga mynasyp şertler döredilýär, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleri barha ýokarlanýar. Bu işler uly many-mazmuna eýedir. Şular ýaly toplumlaýyn işleriň giň gerimde üstünlikli amala aşyrylmagy döwletimiziň mümkinçilikleriniň ýokarydygyny, alnyp barylýan syýasatyň durmuş ugurlydygyny görkezýär. Bu ajaýyp işler bagtly maşgalalaryň kemala gelmegine, halkymyzyň ýaz ýakymly bagt toýlaryny uludan toýlamaga, bagtyýarlykdan gözbaş alýan durmuş ýoluny rowaçlyklara beslemäge giň şertleri döredýär.



Geçen 34 ýyl berkarar Watanymyz, halkymyz üçin şan-şöhratly ýyllar boldy. Döwletimiziň binýady has berkidilip, halkara abraýy ýokarlandy, ykdysady kuwwaty artdy. Halkymyzyň abadan, ähli babatda mynasyp durmuşda ýaşamagy barada alada etmek ýurdumyzda alnyp barylýan syýasatyň düýp özeni bolup durýar.

Halkymyzyň milli däplerine esaslanyp, mizemez durmuş kadasyna öwrülen parahatçylyk syýasatyny giňden dabaralandyrýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, alyp barýan döwletli işleri rowaç bolsun!

**Abadangözel IŞANGULYÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 140-njy orta mekdebiň mugallymy.*

## Türkmenistan BMG-niň Merkezi Aziýada strategik hyzmatdaşy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamalarynyň 3-si bilen berkidilen we ösdürilen pugta halkara hukuk binýady döredildi.

Türkmen tarapy häzirki döwrüň möhüm meselelerini çözmäge we uzak möhletleýinlik, özara hormat goýmak esasynda köpugurly hyzmatdaşlygy ýola goýmaga işjeň çemeleşýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda parahatçylyk döredijiliginiň uly tejribesini toplan Türkmenistan ähalumumy parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek işinde BMG-niň



möhüm we strategik hyzmatdaşy hökmünde çykyş edýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň BMG-niň Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekdäki uly üstünlikleri, tutuş adamzadyň abadançylygynyň bähbidine öz parahatçylyk döredijilik mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmaga çalyşýan möhüm halkara başlangyçlary we köpugurly işi aýratyn ähmiýetlidir. BMG Türkmenistan bilen ýola goýlan netijeli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine uly gyzyklanma bildirýär. Türkmenistan BMG-niň Merkezi Aziýada strategik hyzmatdaşy bolup durýar.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynda Türkmenistanyň ileri tutýan wezipeleri munuň aýdyň subutnamasydyr. Türkmenistan Baş Assambleýanyň ýubileý sessiýasynda 2026 – 2035-nji ýyllar üçin «BMG-niň Durnukly ulag boýunça onýyllygyny» yglan etmek baradaky Kararnamany öňe sürer. Bu başlangyç ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy berkitmäge, täze geçelgeleri döretmäge we ähli ýurtlaryň, şol sanda deňze çykalgasy bolmadyk döwletleriň ulag ulgamyna elýeterliligini üpjün etmäge mümkinçilik berer. Ýurdumyz Merkezi Aziýada çölleşmä garşy göreşmek boýunça sebit merkezini döretmegi teklip eder. Merkezi Aziýanyň ýaşlar dialogynyň işini giňeltmek maksady bilen, Baş Assambleýanyň 80-nji sessiýasynda Aşgabatda ýaş parahatçylyk gurujylary taýýarlajak sebitleýin platformany döretmek başlangyjy öňe sürler. Türkmenistan hukuk ulgamynda BMG bilen hyzmatdaşlyk babatda halkara hukugyň orny we ähmiýeti barada möhüm teklipleri yzygiderli öňe sürýär. Şolaryň biri hem 2028-nji ýyly «Halkara hukugyň ýyly» diýip yglan etmegi maksat edinýär. Medeniýetleriň arasyndaky dialogy ösdürmek, BMG-niň Baş Assambleýasynyň halkara gatnaşyklarda köp dilliligi goldamak baradaky Kararnamalaryny durmuşa geçirmek üçin «Köp dilli diplomatiýanyň halkara gününi» yglan etmek boýunça başlangyjy öňe sürmek, şol sanda «Parahatçylygyň we ösüşiň esasy hökmünde Beýik Ýüpek ýolunyň medeni mirasy» atly Kararnamany taýýarlamak teklip edilýär.

Umuman, ýurdumyz geljekki ýyllarda BMG-niň düzümleri bilen strategik hyzmatdaşlygyny has-da ösdürer.

**Ogulgerek SÖÝEGOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Dünýä türkmenlerini jebisleşdirýän gurama

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Munuň özi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň hem esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, döwletimiz türkmenleriň kowçum bolup ýaşaýan ýurtlary bolan Russiýa Federasiýasy, Beýik Britaniýa, Germaniýa Federatiw Respublikasy, Şweýsariýa Konfederasiýasy, Ukraina, Türkiýe Respublikasy, Özbegistan Respublikasy, Gazagystan Respublikasy, Gyrgyz Respublikasy, Täjigistan Respublikasy, Owganystan, Pakistan Yslam Respublikasy, Birleşen Arap Emirlikleri, Saud Arabystany Patyşalygy we beýleki ýurt-



lar bilen özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýär. Netijede, daşary ýurtly watandaşlarymyz bilen ylym, bilim, medeniýet, sungat, neşirýat işi, saglygy goraýyş, syýahatçylyk, sport, telekeçilik ýaly ugurlardaky gatnaşyklar ýyl-ýyldan işjeňleşdirilýär.

Döwletimiziň beýleki ýurtlar bilen hyzmatdaşlygyny berkitmekde, halkymyzyň medeniýetini, däp-dessurlaryny dünýäde wagyz etmekde we onuň taryhyny, dilini öwrenmekde Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigine möhüm orun degişlidir. Geçen döwrüň içinde Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi öz öňünde goýan maksatlaryna ygrarly bolup, ynsanperwerlige, haýyr-yhsana ýugrulan ençeme işleri durmuşa geçirdi. Onuň netijesinde daşary ýurtlarda ýaşaýan doganlarymyz bilen gatnaşyklarymyz has işjeňleşdi. Häzirki wagtda daşary ýurtlaryň 14-sinde Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň 27 bölümi hereket edýär. Olar bilen işjeň, ykdysady hem-de ynsanperwer gatnaşyklar saklanýar. Birleşigiň daşary ýurtly şahsy agzalary ynsanperwer ugurlarda işleri alyp barýarlar.

Garaşsyz ösüşimiziň häzirki tapgyrynda daşary ýurtlarda ýaşaýan watandaşlarymyz bilen hemmetaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmak ähalumumy parahatçylygyň we abadançylygyň bähbidine dünýä döwletleri bilen syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýän Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Dünýä türkmenleri sebitde we tutuş Ýer ýüzünde parahatçylygyň, asudalygyň, özara düşünişmegiň, ynanyşmagyň berkarar bolmagy ugrunda tagallalary birleşdirýän, hyzmatdaş döwlet hökmünde giňden tanalýan ýurdumyzda geçirilýän köp sanly çärelere işjeň gatnaşýarlar hem-de ata Watanymyzda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli özgertmeleriň şaýady bolýarlar. Häzirki döwürde dünýä türkmenleriniň ýüzlerçesi Türkmenistanda iş alyp barýarlar we ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmelere öz mynasyp goşantlaryny goşýarlar.

Halkara hyzmatdaşlygy berkitmekde, türkmen halkynyň baý medeniýetini, özboluşly däp-dessurlaryny, taryhyny, edebiýatyny we dilini wagyz etmekde Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigine möhüm orun degişlidir. Bu birleşik dünýä türkmenlerini jebisleşdirmek ugrunda zerur tagalla edýän abraýly gurama öwrüldi.

**Şaja AÝLIÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## Maýa goýum forumy – halkara hyzmatdaşlygyň hereketlendiriji güýji

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Umuman, bu forum göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çalt çekmek baradaky tekliplere garamak we sebitleýin taslamalary goşmak bilen bilelikdäki maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmegiň geljegini öwrenmek maksady bilen geçirilýär. Forumyň esasy maksady, ýurduň eksport mümkinçiligini artdyrmaga, ýurdumyzyň we daşary ýurtly maýadarlaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilendir, sanly ulgamyň ösüşine we sanly ykdysadyýete geçmek ugrunda giň mümkinçilikleri döredýän giňişlikdir.



Türkmenistan diňe bir sebit gatnaşyklaryny we maýa goýum mümkinçiliklerini ösdürmekden başga-da, milli strategiýalary hemmelere degişli ösüş, durnuklylyk we umumy abadançylyk maksatlary bilen baglanyşdyrmak arkaly BMG-niň Durnukly ösüş maksatlaryny öňe sürmäge we ýerine ýetirmäge ýardam edýär. Geljege gönükdirilen ykdysadyýeti döretmek maksady bilen, ýurdumyzda sanlylaşdyrma we durnukly ösüş ugurlary öňe sürülýär. Sanly infrastruktura, elektron hökümet we häzirki zaman tehnologiýalaryna goýlan maýa goýumlar işewürlikde netijeliligi ýokarlandyrýar we innowasiýalara ýol açýar. Şeýle-de, «ýaşyl» geçiş çäklerinde arassa energetika we ekologiýa taýdan jogapkär çemeleşmeler ileri tutulýar.

**Şahnoza HOJAMOWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## Ýurdumyzyň ykdysady üstünlikleriniň sergisi

18-20-nji sentýabrda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli geçirilýän ýurdumyzyň ykdysady üstünlikleriniň sergisine ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, daşary ýurtlaryň kompaniýalary, işewürleri hem-de Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary we beýleki myhmanlar gatnaşýar.

Hormatly Prezidentimiz sergä gatnaşyjylara Gutlag iberdi. Gutlagda «Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmekde ýetilen sepgitler we gazanylan üstünlikler geljegiň röwşen ýollaryny gurmagyň mizemez binýadydyr. Şu ýörelgeden ugur alyp, biz ykdysadyýetimizi mundan beýläk-de durnukly ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýäris. Öňdebaryjy tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan iri senagat toplumlary döredilýär, ähli pudaklary döwrebaplaşdyrmak hem-de sanly ulgama geçirmek ugrundaky işler üstünlikli dowam etdirilýär» diýlip bellenilýär.

Serginiň çäginde milli ykdysadyýetiň esasy ugurlary bolan energetika, senagat, nebit-gaz we nebit-himiýa pudaklary, dokma senagaty we halyçylyk, gurluşyk we binagärlik, ulag, aragatnaşyk we kommunikasiýa, oba hojalygy, azyk we gaýtadan işleýän senagat, saglygy goraýyş we lukmançylyk senagaty, bilim, sport, syýahatçylyk, neşirýat işi, daşky gurşawy goramak hem-de beýleki ugurlar görkezilýär. Şeýle-de sergide lukmançylygyň anyklaýyş-bejeriş enjamlary we tehnikasy, lukmançylyk gurallary, saglygy goraýyş ulgamynda dürli görnüşdäki hyzmatlary hödürleýän kompaniýalaryň, şeýle hem innowasion çözgütleri işläp taýýarlamak bilen meşgullanýan kliniki merkezleriň öz alyp barýan işlerini görkezmegine giň mümkinçilik döredildi. Şeýle hem dünýäniň öňdebaryjy iri kompaniýalarynyň bilim we sport boýunça alyp barýan işleri, tehnologiýanyň soňky gazananlary paýtagtymyzyň ýaşaýjylaryna we myhmanlaryna hödürlenýär.





Şu gezekki serginiň esasy mazmuny milli ykdysadyýetiň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmeginden, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilmeginden we eksportuň artdyrylmagyndan hem-de önümçilikleri depginli döwrebaplaşdyrmakdan ybaratdyr. Bularyň ählisini milli ösüş maksatnamalarynyň çäklerinde üstünlikli amala aşyrylýan ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryny kämilleşdirmek boýunça beýan edýän köp sanly diwarlyklar aýdyň görkezýär.

## Sagdyn nesil – sagdyn jemgyýet

Adam saglygynyň iň uly baýlykdygy hemmä mälimdir. Bu baýlygy gorap saklamak üçin diňe dogry iýmitlenmek ýa-da sport bilen meşgullanmak ýeterlik däldir. Käbir zyýanly endikler hem saglyk üçin uly howp döredip biler. Şonuň üçin hem zyýanly endiklerden daşda durmak her bir şahsyýetiň borjudyr.

Zyýanly endikler hökmünde temmäki önümlerini, spirtli içgileri ulanmak görkezilýär. Bu endikler diňe bir bedene däl, eýsem, adamyň ruhy taýdan gowşamagyna sebäp bolýar. Ýürek, bagyr, öýken ýaly beden agzalarynyň kesellemegi, daş-töweregindäkiler bilen gatnaşyklaryň bozulmagy ýaly netijelere getirýär. Ýöne zyýanly endikler diňe şu zatlardan ybarat däl. Köp wagtyňy telefon ýa-da kompýuter ulanmaga sarp etmek, nädogry iýmitlenmek, az hereket etmek hem ýuwaş-ýuwaşdan adamyň saglygyny we durmuş hilini pese düşürýär. Şeýle ýagdaýdan halas bolmagyň ýeke-täk ýoly – özüňi terbiýelemekdir.

Özüňi terbiýelemek üçin ilkinji ädim maksat tutmakdyr. Adam näme üçin zyýanly endikden ýüz öwürýändigini anyk bilmeli. Ikinji ädim bolsa peýdaly endikleri ösdürmekdir. Sport bilen meşgullanmak, kitap okamak, döredijilik işleri bilen gyzyklanmak adama diňe peýda getirýär. Zyýanly endiklerden daşda durmak diňe bir şahsyýetiň däl, bütin jemgyýetiň ösmegine hem ýardam berýär. Sagdyn nesiller sagdyn jemgyýeti döredýär. Şonuň üçin her birimiz öz saglygymyzy gadyrlap, zyýanly endiklerden daşda durmalydyrys.

**Rähmet ÇARYÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň harby-meýdan hirurgiýasy kafedrasynyň assistenti.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 19-y, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117143
Belgisi: 38/1656
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat berijі jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Iri şertnamalara gol çekildi

16-18-nji sentýabrda ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp Angliýada saparda boldy. Saparyň çäklerinde iki ýurduň arasynda umumy bahasy 10 milliard dollardan gowrak şertnama gol çekildi. Gol çekilen şertnamalaryň arasynda bilim we tehnologiýa hyzmatdaşlygy, energiýa, ylmy barlaglar, maýa goýum we maliýe edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy has-da berkitmek ýaly ugurlar bar.

Prezident Tramp saparynyň çäklerinde ýurduň Hökümet Başlygy Kir Starmeriň şäheriň daşyndaky öýünde amerikan tehnologiýa kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen tegelek stol ýygnagyna hem gatnaşdy. ABŞ-nyň Prezidenti ýolbaşçylyk edýän ýokary derejeli wekiliýetinde birinji hanym Melaniýa Tramp, Döwlet sekretary Marko Rubio, maliýe ministri Skott Bessent we beýleki ýokary derejeli ýolbaşçylar bar.

Şeýle hem Prezident Tramp Beýik Britaniýanyň Patyşasy Karl III bilen duşuşdy.

Saparyň iki ýurduň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary we daşary syýasatdaky bähbitlerini artdyrmagyna garaşylýar. Prezident Tramp ilkinji gezek 2019-njy ýylyň iýun aýynda ozalky wezipe möhleti döwründe bu ýurda resmi sapar bilen ba-



rypdy. Şol döwürde ýurtda Şa zenany Ýelizaweta II höküm sürýärdi. Şu ýylyň fewral aýynda ýurduň patyşasy Karl III Prezident Trampy ikinji gezek resmi sapar bilen ýurduna çagyrypdy. Şeýlelikde, Prezident Tramp ikinji wezipe möhletinde iňlis monarhiýasyndan resmi çakylyk alan ilkinji ABŞ-nyň Prezidenti boldy. Iki ýurduň arasynda berk we taryhy döwletara gatnaşyklar bolup, ozalky ýyllarda ABŞ-nyň Prezidentleri ikinji möhlete saýlananlarynda iňlis patyşalygy tarapyndan, resmi sapar bilen däl-de, çaý içmäge ýa-da günortanlyk naharyna çagyrylýardy.

### TEHNOLOGIÝA KOMPANIÝALARY MAÝA GOÝAR

Prezident Trampyň bu ýurda bolan saparynyň öň ýanynda «Google» Angliýada 5 milliard funt sterling bahasy bolan maýa goýjakdyklaryny mälim etdi. Şeýle hem kompaniýa Londonyň golaýynda täze maglumat merkezini gurjakdyklaryny beýan etdi. Bu merkez «Google Cloud», Gözleg, Kartalar we Workspace ýaly emeli aňyň goldawy bilen işleýän hyzmatlara bolan ýokarlanýan islegi kanagatlandyrmak maksady bilen gurlar.

«Microsoft» kompaniýasy bolsa, 2028-nji ýyla çenli emeli aň tehnologiýasyna we dowam edýän amallary üçin jemi 30 milliard dollarlyk maýa goýum özleşdirer.



# Ýewropada ýel energiýasy ösdüriler

**Arassa energiýa çeşmesi hökmünde Günden has köp peýdalanylýan hem bolsa, kenarýaka we daglyk ýerlerde ýelden hem netijeli peýdalanylýar. Ýewropada 2030-njy ýyla çenli önümçilik kuwwaty 178 gigawat bolan täze ýel energiýa beketleriniň gurlup ulanmaga berilmegine garaşylýar. Şeýlelikde, ýelden alynýan energiýanyň umumy önümçilik kuwwaty 441 gigawata ýeter.**

**Ýewropa ýel energiýasy bileleşiginiň (WindEurope) maglumatyna görä, täze guruljak beketleriň 133 gigawatlyk bölegi Ýewropa Bileleşigine agza 27 ýurda degişli bolar. Maglumata görä, şu ýylyň 6 aýynda sebitde önümçilik kuwwaty 6,8 gigawat bolan ýel beketleri gurlup, umumy önümçilik 291 gigawata ýetirilipdir. Degişli döwürde energiýanyň bu görnüşi üçin 34 milliard ýewro maýa goýum goýberilipdir. Şeýlelikde, häzirki wagtda Ýewropada gury ýerde 254 gigawat, 37 gigawatlyk deňizüsti (offshore) ýel beketleri bar. Geljek ýyllarda hem gury ýerde gurulýan ýel beketleriniň deňizdäkilerden köp bolmagynyň dowam etjekdigi mälim edildi.**

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Alžiriň täze Hökümeti.** Alžiriň Prezidenti Abdelmajid Tebbun ýurduň täze Hökümetiniň düzümini tassyklady. Premýer-ministr Sifi Giribiň ýolbaşçylygyndaky täze Kabinete 10 sany ministr girdi. Bu barada Döwlet Baştutanynyň spikeri Semir Ukun döwlet telewideniýesine habar berdi.



**Bazar gymmaty 3 trillion dollara ýetdi.** «Google»-a eýeçilik edýän «Alphabet»-iň paýnamalarynyň bahasy 3,7 göterim artyp, 225 dollardan 250 dollara ýetdi. Şeýlelikde kompaniýanyň bazar gymmaty ilkinji gezek 3 trillion amerikan dollaryna ýetdi. «Alphabet» bazar bahasy babatda «Nvidia», «Microsoft» we «Apple» kompaniýalaryndan soňra 4-nji boldy.




**3 tonna ýük kosmosa eltildi.** Russiýanyň «Roskosmos» korporasiýasy 3,1 tonna ýüki Halkara Kosmos bekedine eltdi. «Soýuz» raketasy bilen äkidilen ýükleriň arasynda iýmit, egin-eşik we synag enjamlary bar. Şeýle hem 420 litr içimlik suw, 900 kilogram ýangyç we 40 kilogram howa ballonlary bar.



# Kofeniň bahasy gymmatlady

**Dünýä bazarynda kofeniň her bir funty (0,4536 kg) 4 dollardan gowrak gymmatlady. Şeýlelikde, Nýu-Ýorkuň biržasynda «Arabica» sortuna degişli kofe aprel aýyndan bäri şeýle derejede gymmatlady. Bahanyň galmagyna Braziliýada howanyň gurak bolmagy we nyrhnamalar bilen bagly sebäpler görkezildi.**

**Uly islegden peýdalanýan içimlikleriň biri bolan kofe dünýäde nebitden soňra iň köp söwdasy edilýän haryt hasaplanýar.**



# Awtoulag sergisi geçirildi

9-14-nji sentýabr aralygynda Germaniýanyň Mýunhen şäherinde «IAA Mobility 2025» atly halkara awtoulag sergisi geçirildi. Ýewropanyň iň uly ulag sergisi «Bularyň ählisi mobillik barada» şygary bilen geçirildi. Sergä dünýä belli awtoulag öndürijileri, tehnologiýa kompaniýalary, şäher meýilnamalaşdyryjylary gatnaşdy. Şeýle hem onuň çäklerinde geçirilen maslahata gatnaşan dürli ugurdaky hünärmenleriň 500-den gowragynyň çykyşlary diňlenildi. Sessiýalarda emeli aň, sanlylaşdyrma, energetika we «akylly» şäherler ýaly temalarda pikir alşyldy. Çäre ikiçäk duşuşyklary geçirmäge hem mümkinçilik berdi. Mundan başga-da, sergide interaktiw sergiler, synag sürüşleri we maşgalalara niýetlenen dürli çäreler göz öňünde tutulypdyr. Gözden geçirilişde diňe ulaglar däl, eýsem, elektrik energiýasy bilen işleýän iki tigirli ulaglar – welosipedler we skuterler hem görkezildi. Soňky harytlaryny we hyzmatlaryny görkezýän kompaniýalaryň arasynda köp ýyldan bäri belli bolan iri awtoulag öndürijiler bilen bilelikde täze işe başlan startaplar hem bar. Sergide görkezilýän ulaglaryň arasynda nemes brendleri agdyklyk edýär. Hytaýly önüm öndürijiler bolsa, täzeçil tehnologiýalary bilen ünsi özüne çekýär. 500 müňden gowrak adamyň baryp gören sergisinde ýakyn geljekde satuwa çykaryljak ulaglar hem köpçüligiň dykgatyna ýetirildi. «Audi» kompaniýasy «Concept C» ulagyny görkezdi. Üýtgeşik dizaýny bilen tapawutlanýan iki orunlyk elektroulag 2027-nji ýylda satuwa çykarylar. BMW-niň tanyşdyran «eDrive» tehnologiýasy bilen enjamlaşdyrylan täze «iX3» elektroulagy bir gezekki zarýady bilen 805 kilometr ýol geçip bilýär. Ulag 10 minutda 372 kilometre ýetjek zarýad alýar. «Volkswagen» toparynyň tanyşdyran «Cupra Raval» ulagy şäherde sürmäge niýetlenipdir.

«Hyundai Motor Company» «Ioniq» brendine degişli «Concept Three» atly modelini tanyşdyrdy. Türkiýede öndüriljek elektroulag geljek ýyl satuwa çykarylar.

Hytaýyň «Leapmotor» hem-de Ýewropanyň «Stellantis» kompaniýasynyň bilelikde öndüren «B05» we «B10» ulaglary hem kömpleriň ünsüni özüne çekdi.

«Renault» kompaniýasy bolsa, häzire çenli dünýäde 5 milliondan gowragy öndürilen «Clio» modelini görkezdi.




# TARYHDA ŞU GÜN

**1893-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda Täze Zelandiýada dünýäde ilkinji bolup zenanlara ses bermek hukugy berildi. Ýurduň ilkinji Konstitusiýasy 1852-nji ýylda kabul edilýär. Ilkibaşda diňe belli bir mülki bolan, 21 ýaşyny dolduran erkekler ses berip bilýärdi.**

**1919-njy ýyldan başlap, ýurtda aýal-gyzlara saýlanmak hukugy hem berildi.**



## OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!

**Dünýäde her aýda 56 müň elektron kitap neşir edilip, onlaýn kitaphanada edebi eserler öňdäki orny eýeleýär.**

# DÜNÝÄNIŇ MEŞHUR SUNGAT ESERLERI

**Sungat eserleri asyrlarboýy halklary baglanyşdyrýan we dostlukly gatnaşyklary ýola goýmaga mümkinçilik berýän köpri bolup hyzmat edýär. Bu eserler dünýäniň dürli künjeklerinde uly gyzyklanma döredip, syýahatçylygyň ösmeginde hem möhüm orny eýeleýär. Sungaty söýüjiler ussat suratkeşleriň we heýkeltaraşlaryň döreden eserlerini görmek üçin birnäçe kilometr ýol geçip, şol ýurda ýa-da şähere barýarlar. Her ýyl muzeýlerdir sungat galereýalary sungat eserlerini ýakyndan synlamaga gelen millionlarça myhmany garşy alýar. Gazetimiziň şu sanynda dünýäniň meşhur sungat eserleri bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**







**«ULY TOLKUN» ESERI.** Aziýanyň sungat hazynalary Günbatar dünýäsiniň eserleri ýaly sungaty söýüjileriň ünsüni özüne çekýär. «Uly tolkun» kartinasy häzirki zaman sungaty bilen milli estetikany birleşdirmegi bilen tapawutlanýar. Ýaponiýaly suratkeş Hokusaýyň 1830-1833-nji ýyllar aralygynda döreden bu eseri «Fuji dagynyň otuz alty görnüşi» atly kartinalar toplumynyň iň meşhurydyr. Kartinada uzakda üsti garly Fuji dagynyň şekili, esasy fonda bolsa äpet tolkunyň möwç alýan pursaty suratlandyrylýar. Tokionyň Sumida Hokusai muzeýinde saklanýan «Uly tolkun» kartinasyny ýakyndan görmek üçin her ýyl 1 milliondan gowrak syýahatçy barýar.

**«MONA LIZA» ESERI.** Leonardo da Winçiniň «Mona Liza» kartinasynyň asyl nusgasyny görmek üçin her ýyl Parižadäki Luwr muzeýine millionlarça adam barýar. Dünýäde uly meşhurlyk gazanan bu sungat eseri ajaýyp ýylgyryşy bilen myhmanlary özüne çekýär. Mona Liza bilen surata ýa-da selfi düşmek myhmanlaryň ýoň bolan adaty hasaplanýar. Italýan suratkeşi bu eserini 1503-1506-njy ýyllar aralygynda döredýär. Leonardo da Winçiniň bu kartinasy esasynda 1915-nji ýylda «Mona Liza» operasy, 1930-njy ýyllaryň başynda iki sany film we 1950-nji ýyllaryň meşhur aýdymlaryndan biri bolan «Mona Liza» aýdymy ýaly köp sanly sungat eserleri döredilýär.

**«GERNIKA» ESERI.** Ispan-fransuz suratkeşi Pablo Pikassonyň «Gernika» eseri Madriddäki Reina Sofiýa muzeýiniň iň gymmatly sungat eserleriniň biridir. Ispaniýanyň taryhyny we raýatlyk urşuny suratlandyrýan bu eser 1937-nji ýylda döredilýär. Taryh bilen sungaty baglanyşdyrýan bu eser ak we gara reňkde ýagly boýaglar bilen çekilipdir. Kartinanyň boýy 3,5 metre, ini 7,8 metre deň.

**«GÜNEBAKAR» WE «ÝYLDYZLY GIJE» ESERLERI.** Amsterdamdaky Wan Gog muzeýi ussat suratkeşiň gysga, ýöne täsirli karýerasy bilen tanyşmaga mümkinçilik döredýär. «Günebakar» we «Ýyldyzly gije» kartinalary niderland suratkeşiniň döredijiliginiň iň naýbaşy eserleri hasaplanýar. Suratkeşiň 1887-nji ýylda çekilen iki bölümden ybarat «Günebakar» kartinasynyň birinjisinde ýerde ýatan güller, ikinjisinde bolsa güldana salnan bir topar günebakar gülleri şekillendirilýär. Wan Goguň 1889-njy ýylda çeken meşhur «Ýyldyzly gije» kartinasynda obada Gün dogmazynyň öň ýany suratlandyrylýar. Bir ýyllap zähmet siňdirilen bu kartinada asman jisimleri we Aýyň keşbi takyk bolmasa-da, esasan, şol wagt asmanda görünýän Wenera üns çekilýär. Wan Gog bu kartinany oba gitmezden, hyýaly çekipdir diýlip çaklanylýar.

**MIKELANJELONYŇ ÜÇEK SURATLARY.** Italýan heýkeltaraşy we suratkeşi Mikelanjelonyň Sikstin kapellesiniň (öňki ybadathana, häzirki muzeý) üçegine çeken suratlary diňe bir sungat eseri bolman, italýan taryhy üçin uly mirasdyr. Rime we Watikana syýahat edýän millionlarça adam bu täsin eseri synlamak üçin muzeýe barýar. Üçek suratlary dini, medeni we estetik ölçeglerde sungaty öwrenijiler üçin uly tejribe hödürleýär. Mikelanjelonyň 1508-1512-nji ýyllar aralygynda çeken üçek suratlarynda dünýäniň ýaradylyşy, din we keramatlar şekillendirilýär. Üçek suratlarynda 9 sany esasy sahna (bölüm) bar.

# Bütindünýä elektron kitaplar güni

**Her ýylyň 18-nji sentýabrynda Bütindünýä elektron kitaplar güni bellenilýär. Bu senäniň bellenip geçilmeginiň esasy maksady okamagyň elýeterliligini we elektron kitaplarda hödürlenýän ýeňilligi açyp görkezmekden ybaratdyr. Elektron kitap baradaky pikiriň 1930-njy ýyllarda orta atylandygyna garamazdan, 41 ýyldan soňra ilkinji elektron kitaplar peýda bolýar. Eýsem, elektron kitap näme?!**

Elektron kitap sanly formatda hödürlenýän, okyjylaryň elektron enjamlarda – kompýuterde, noutbukda, öýjükli telefonlarda, planşetlerde okamagyna mümkinçilik berýän ulgamdyr. Soňky ýyllarda elektron kitaplaryň meşhurlygynyň artmagy bilen köp sanly nusgawy ýazyjy-şahyrlaryň kitaplary, iň köp satyn alynýan kitaplar elektron görnüşe geçirildi. Hatda daşary ýurt ýazyjylarynyň köpüsi indi kitaplaryny kagyz görnüşinde däl-de, elektron görnüşde «çap etmegi» makul bilýärler.

**Elektron kitap haçan döredilýär?**

Elektron kitap baradaky ilkinji pikir 1930-njy ýylda Rob Braunyň filme tomaşa edip oturan wagty kellesine gelýär. Ol pikirini köpçülik bilen paýlaşyp, geljekde birnäçe tomly, küti kitaplaryň nusgasyny elektron enjamlara ornaşdyrmak arkaly amatly usulda okamagyň mümkin boljakdygy baradaky düşünjäni orta atýar.




1949-njy ýylda ispan mugallymy Anhela Ruis Robles ilkinji awtomatik kitap okaýjy «Enciclopedia Mecánica»-ny oýlap tapýar. Roblesiň awtomatik kitap okaýjy baradaky pikiri çagalaryň her gün mekdebe göterip gitmeli kitaplarynyň agramyny azaltmak maksady bilen döräpdir. Şeýle-de bolsa, bu enjam köpçülikleýin ulanyşa girmeýär. Roblesiň oýlap tapyşyndan 22, şeýle hem Rob Braunyň pikirinden 41 ýyldan soňra, elektron kitaplaryň döremeginde şowlulyk gazanylýar. 1970-nji ýyllaryň başynda, esasan, ylym-bilim edaralarynyň arasynda edebiýatlary göçürip almaga mümkinçilik berýän internetiň başlangyjy hasaplanýan ARPANET ulgamy döredilýär. Şeýlelikde, bu ösüşler «Gutenberg» atly taslamanyň döredilmegine getirýär. 1990-njy ýyllaryň başynda internete ilkinji elektron kitaplaryň ornaşdyrylmagy bilen kitaplaryň elektron nusgalary standartlaşdyrylýar hem-de onlaýn kitap dükanlary döredilýär. Bu elektron kitaplaryň taryhyndaky iň uly üstünlikleriň biri bolup, 2014-nji ýylda her ýylyň 18-nji sentýabrynda elektron kitaplaryň bütindünýä gününi bellemek barada karara gelinýär.

Elektron kitaplar okyjylaryň işini birnäçe esse ýeňilleşdirýär. Şeýlelikde, kitaby ýanyň bilen götermek zerurlygy aradan aýrylýar. Isleg bildirýän kitabyňyzy jemgyýetçilik torundan eseriň ýa-da awtorynyň adyny gözletmek arkaly gysga wagtda tapyp bolýar. Kitabyň elektron nusgasyny öýjükli telefona ýüklemek bilen ýolda, dynç alyşda ýa-da işde okap bolýar. Berilýän maglumatlara görä, dünýäde her aýda 56 müň elektron kitap neşir edilip, onlaýn kitaphanada edebi eserler öňdäki orny eýeleýär. Elektron kitaplar ýaşlaryň arasynda has ýörgünli we ygtybarly hasaplanýar. Ilkibaşda adaty usulda çap edilen kitaplaryň elektron nusgalary döredilen bolsa, häzirki wagtda diňe elektron görnüşde ýaýradylýan kitaplar hem çykýar.



# Içi däneli miwe

**Güýz paslynda ýetişýän köz ýaly dänesi bolan miweleriň biri hem nardyr. Ata Watany Ýakyn Gündogar ýurtlary hasaplanýan bu miwede B witamini, askorbin turşusy, antioksidantlaryň baý çeşmesi saklanýar. Nar gadymy döwürlerden bäri saglyga peýdaly miweleriň biri hasaplanýar. Nar bedeni gurplandyryp, immuniteti güýçlendirýär. Nardaky antioksidantlar içege mikrobiomasy üçin peýdaly bolup, bakteriýalaryň köpelmeginiň öňüni alýar. Bu miwäniň gabygy içgeçmede, bagyr we böwrek ýetmezçiliklerinde peýdalanylýar. Naryň sykylan şiresi iýmit siňdiriş ulgamy üçin peýdaly bolup, aşgazan suwuklygynyň bölünip çykmagyny üpjün edýär. Däneli miwe gan damarlarynyň dykylmagynyň öňüni alyp, ganyň düzümindäki şekeri azaltmaga, şeýle hem gan basyşyny peseltmäge ýardam edýär. Ýürek-damar üçin peýdaly bolan bu miwe beýniniň işini güýçlendirip, ýatkeşligi ösdürýär hem-de ünsüňi bir ýere jemlemäge kömek edýär. Turşulygy güýçli bolandygy sebäpli aşgazan-içege ulgamynda näsazlygy bolan adamlara nar iýmek maslahat berilmeýär.**



# AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynda 1-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi






AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynda çykyş edýän toparlarymyzdan «Ahal» ilkinji duşuşygynda ýeňiş gazanmagy başardy. «C» toparçada myhmançylykda Hindistanyň «Mohun Bagan» topary bilen geçirilen oýunda ildeşlerimiz 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. «Ahal» toparyna ýeňiş getiren ýeke-täk goly 83-nji minutda Enwer Annaýew öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, «Ahal» topary bu ýaryşda täze möwsüme ýeňiş bilen başlady.

Toparçadaky beýleki duşuşyk hem şol hasap bilen tamamlanyp, Iordaniýanyň «Al-Hussein» topary öz meýdançasynda Eýranyň «Sepahan» toparyndan 1–0 (Hruba 28) hasabynda üstün çykmagy başardy.

Ýaryşda çykyş edýän ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary «B» toparçada ilkinji duşuşygyny Özbegistanyň Kubogynyň eýesi «Andijon» topary bilen geçirdi. Çekeleşikli geçen oýunda hasap açylmady. Şunlukda, bu ýaryşa ilkinji gezek gatnaşýan «Arkadag» topary ilkinji utugyny gazanmagy başardy. Toparçadaky «Al Ahli» (Katar) bilen «Al-Haldiýanyň» (Bahreýn) arasyndaky duşuşyk hem golsuz tamamlandy.

Şeýle-de, «A» toparçada BAE-niň «Al-Wasl» toparynyň Eýranyň «Esteglal» toparyny 7–1 hasabynda ýeňmegi garaşylmadyk netije boldy. «D» toparçada «Al-Nassr» topary öz meýdançasynda Täjigistanyň «Istiklol» toparyndan 5-0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda Garib (14), Gabriel (17), Wesli (59), Koman (89) hem-de Mane (90+3) tapawutlandy.

AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynda 2-nji tapgyryň duşuşyklary 30-njy sentýabrda hem-de 1-nji oktýabrda oýnalar.

**Günbatar zolagyň toparçalardaky 1-nji duşuşyklarynyň netijeleri:**

«A»: «Al-Wasl» (BAE) — «Esteglal» (Eýran): 7-1, «Al-Muharrak» (Bahreýn) — «Al-Wehdat» (Iordaniýa): 4-0;

«B»: «Arkadag» (Türkmenistan) — «Andijon» (Özbegistan): 0-0, «Al Ahli» (Katar) — «Al-Haldiýa» (Bahreýn): 0-0;

«C»: «Mohun Bagan» (Hindistan) — «Ahal» (Türkmenistan): 0-1, «Al-Hussein» (Iordaniýa) — «Sepahan» (Eýran): 1-0;

«D»: «Al-Nassr» (Saud Arabystany) — «Istiklol» (Täjigistan): 5-0, «Goa» (Hindistan) — «Al-Zawraa» (Yrak): 0-2

# Duplantis 14-nji gezek rekordy täzeledi

Ýaponiýada dowam edýän ýeňil atletika boýunça 20-nji Dünýä çempionatynda taryhy rekord goýuldy. Syrykly bökmekde şwesiýaly Armand Duplantis 14-nji gezek öz rekordyny täzeledi. Ol soňky synanyşygynda 6,30 metr beýige böküp, çempionlygynyň üstüni dünýä rekordy bilen ýetirdi. 25 ýaşyndaky türgen Dünýä çempionatlarynda 3-nji sapar altyn medal gazanmagy başardy. Olimpiýa çempiony Duplantis 13-nji rekordyny awgust aýynda täzeläp, şu ýylyň dowamynda öz rekordyny 4-nji gezek ösdürdi.

Erkekleriň arasynda ýekedaban zyňmakda kanadaly Itan Katsberg 84,70 metrlik görkeziji bilen çempionatyň rekordyny täzeläp, bassyr 2-nji gezek dünýäniň çempiony boldy. Gülle iteklemek boýunça amerikaly Raýan Krauzere bu gezegem taý tapylmady. Meksikaly Uziel Munýozdan hem-de italiýaly Leonardo Fabbriden öňe saýlanan Krauzer yzly-yzyna 3-nji gezek altyn medalyň eýesi boldy. Uzynlygyna bökmekde italiýaly 20 ýaşyndaky Mattia Furlani 8,39 metr görkeziji bilen ýeňiş gazandy. Beýikligine bökmekde Täze Zelandiýanyň türgeni Pariž 2024 Olimpiadasyndan soň, Dünýä çempionatynda-da altyn medal gazanmagy başardy.









100 metre ylgamakda ýamaýkaly Obilik Sewill ýeňiji bolup, bu ugurda 10 ýyldan soň altyn medal ýene-de ýamaýkalylara gaýdyp geldi. Bu ugurda ýamaýkalylar 2009–2015-nji ýyllar aralygynda çempionlyk gazanypdylar. Amerikaly sprinterler 2017–2023-nji ýyllarda altyn medallary eýeläpdiler. Tokiodaky ýaryşda 2-nji ýeri ýamaýkaly Kişane Tompson eýelese, geçen çempionatyň çempiony amerikaly Noa Laýlz bu gezek bürünç medal bilen oňňut etmeli boldy.

Zenanlaryň arasynda 100 metre ylgamakda amerikaly Melissa Jefferson-Wuden 10,61 sekuntda pellehana gelip, hem çempionatyň rekordyny täzeledi, hem-de altyn medalyň eýesi boldy.

Zenanlaryň arasynda uzak aralyga ylgamak ýaryşlarynda keniýalylar öňe saýlanyp, marafonda Peres Jepçirçir, 10 müň metre ylgamakda Beatris Çebet, päsgelçilikli 3000 metr ylgawda-da Fait Çerotiç ýeňiş gazandy. 1500 metre ylgamakda keniýaly Fait Kipýegon bu ugurda 4-nji altyn medalyny boýnuna dakdy. Päsgelçilikli 100 metrde şweýsariýaly Ditaji Kambunji ilkinji dünýä çempionlygyny baýram etdi. Syrykly bökmekde amerikaly Keýti Mun 3-nji sapar altyn medal gazanyp, watandaşy Sändi Morris 4-nji gezek kümüş medal bilen oňňut etmeli boldy. Disk zyňmakda amerikaly Walari Allman ilkinji gezek Dünýäniň çempiony bolup, onuň Olimpiýa oýunlarynda 2 altyn medaly bardy. Uzynlygyna bökmekde-de amerikaly Tara Dewis-Wudholl ozalky çempionlardan germaniýaly Malaika Mihambony yzda galdyryp, altyn medalyň eýesi boldy. Ýekedaban zyňmakda kanadaly Kamrin Rojers bassyr 2-nji gezek münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. 35 kilometrlik ýöriş ýaryşynda ispaniýaly Mariýa Peres 2-nji gezek altyn medala mynasyp boldy.




Çempionat 21-nji sentýabrda tamamlanar.

# Garaşylmadyk netijeler, soňky minutlarda geçirilen gollar

**UEFA Çempionlar Ligasynyň täze möwsümine badalga berlip, liga tapgyrynyň ilkinji duşuşyklary geçirildi.**

**8 gol bar, ýeňiş gazanan ýok**

1997-nji ýylyň finalçylary bu gezek Turinde duşuşyp, «Ýuwentus» bilen «Borussiýa Dortmundyň» arasyndaky bu oýunda 8 gol geçirilse-de, ýeňiş gazanan bolmady. 1-nji ýarymy golsuz tamamlanan oýnuň 52-nji minutynda Adeýemi myhmanlary öňe saýlady. 63-nji minutda Kenan Ýyldyz hasaby deňlese-de, bary-ýogy 2 minutdan soň bu gezek Nmeçanyň owadan goly bilen nemesler ýene öňe geçdi. Bu goldan 2 minut soň Wlahowiçiň goly bilen «Ýuwentus» 2-nji gezek hasaby deňledi. Dortmundlylar 74-nji minutda Ýan Koutonyň goly esasynda 3-nji gezek öňe geçmegi başardy. 86-njy minutda Bensebaini 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup, aratapawudy 2 gola çykardy. Ýöne ruhdan düşmedik italýan kluby 90-njy minutdan soň 2 gol geçirdi. 90+4-nji minutda Wlahowiç «Ýuwentusyň» 3-nji goluny salan bolsa, 90+6-njy minutda onuň pasy bilen Loýd Kelli hasaby deňledi. Oýna 58-nji minutda girip, 2 gol geçiren we 1 asist eden Wlahowiç duşuşygyň iň ökde oýunçysy saýlandy. Bu duşuşyk UÇL-niň çäginde iň köp golly deňme-deňlik rekordynyň gaýtalanan oýny boldy.



Öz meýdançasynda «Marsel» toparyny kabul eden «Real Madride» ýeňiş gazanmak ýeňil düşmedi. 22-nji minutda fransuz klubunyň täze transferi Timoti Weanyň goluna çäre tapyp bilmedi. Ýeri gelende bellesek, Timoti Weanyň kakasy Jorj Wea hem 1994-nji ýylyň martynda «Santiago Bernabeuda» «Realyň» derwezesinden gol geçiripdi. Madridliler Timoti Weanyň goluna fransiýaly ýyldyzy Kilian Mbappeniň 29-njy hem-de 81-nji minutlarda 11 metrlik jerime urgularyndan geçiren gollary bilen jogap berdi. Oýnuň 72-nji minutynda «Realdan» Karwahal gyzyl kart aldy. Toparyna ýeňiş getiren Mbappeniň madridlilerdäki gollarynyň sany 50-ä ýetdi (64 oýunda). Mbappe portugaliýaly Kristiano Ronaldodan soň «Realda» iň çalt 50 gola ýeten 2-nji futbolçy boldy. Ronaldo 51 oýunda 50 gol geçiripdi.



1971/72 möwsüminiň finalçylarynyň duşuşygynda «Aýaks» öz meýdançasynda «Interden» 2-0 hasabynda asgyn geldi. Italýan toparynyň gollarynyň 2-sini hem 42-nji we 47-nji minutlarda Markus Turam öz adyna ýazdyrdy. Mundan 53 ýyl öňki finalda «Aýaks» 2-0 hasabynda ýeňipdi.



Portugaliýada «Benfika» topary 8 ýyldan soň Çempionlar Ligasyna wekilçilik edýän Azerbaýjanyň «Garabag» toparyndan 3-2 hasabynda asgyn geldi. Ýer eýeleri oýnuň başlarynda Barreneçeanyň (6) hem-de Pawlidisiň (16) gollary bilen 2-0 öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik azerbaýjanlylar Andradeniň (30), Duranyň (48) hem-de Kaşçugyň (86) gollary esasynda Çempionlar Ligasynyň final tapgyryndaky ilkinji ýeňşini baýram etdi.

3 klub bilen wekilçilik edýän London şäheriniň 2 kluby ýeňiş gazandy. «Arsenal» myhmançylykda «Atletik Bilbaodan» 2-nji ýarymda oýna giren futbolçylary Martinelliniň (72) hem-de Trossaryň (87) gollary esasynda 2–0 hasabynda üstün çykdy. Londonyň beýleki bir topary «Tottenham» hem öz meýdançasynda Ispaniýanyň «Wilýarrealyny» kabul edip, iň kiçi hasap bilen garşydaşyny ýeňdi (Luiz Junior 4 ö.d.).

2012-nji ýylyň finalçylary «Bawariýa» bilen «Çelsi» ýene-de Münhen şäherinde duşuşdy. Bu gezek ýer eýeleri 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda gollaryň 4-sini hem iňlis futbolçylary derweзä girizdi. 20-nji minutda Çalobanyň awtogoly bilen öňe geçen «Bawariýanyň» 2-nji goluny 27-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan ýyldyz hüjümçi Harri Keýn derwezä girizdi. 29-njy minutda «Çelsiniň» ýaş ýyldyzy Koul Palmer toparynyň geçirden gollarynyň biriniň öwezini dolsa-da, 63-nji minutda ýene-de Keýn tapawutlanyp, oýna soňky nokady goýdy.




Soňky çempion PSŽ öz meýdançasynda Italiýanyň «Atalanta» toparynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdi. Her ýarymda 2 gol geçiren parižlileriň gollaryny Markinios (4), Kwarasheliýa (39), Nunu Mendeş (51) hem-de Gonsalu Ramuş (90+1) derwezä girizdi.

Tapgyryň iň çekeleşikli geçen oýunlarynyň ýene biri-de «Anfield» stadionynda ýerli «Liwerpul» bilen «Atletiko Madridiň» arasyndaky duşuşyk boldy. Duşuşygyň başynda «Liwerpul» Robertsonyň 4-nji, Salahyň 6-njy minutda geçiren gollary bilen 2-0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne ispan toparynda Markus Llorente 45+3-nji we 81-nji minutlarda tapawutlanyp, hasaby deňlemegi başardy. Duşuşygyň 90+2-nji minutynda-da Wirgil wan Deýkiň goly «Liwerpula» ýeňiş getirdi. Ýaryşyň 1-nji derejeli fawority hasaplanýan «Liwerpul» 3–2 hasabynda üstün çykyp, täze möwsüme kynlyk bilenem bolsa ýeňiş bilen başlady.

Ýaryşyň debýutantlarynyň 3-si ilkinji duşuşyklarynda ýeňlişe sezewar bolmady. Belgiýanyň çempiony «Ýunion Sen-Žilluaz» topary myhmançylykda PSW toparyny 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşygyň 9-njy minutynda hasaby açan kanadaly hüjümçi Promis Dewid täze möwsümiň ilkinji goluny geçiren oýunçy boldy. Belgiýanyň wekiliniň beýleki 2 goluny bolsa Ait El Haj (39) bilen Kewin Mak Allister (89) öz atlaryna ýazdyrdylar. Eýndhowenlileriň ýeke-täk goluny 90-njy minutda Ruben wan Bommel geçirdi. Şeýle-de, Kipriň «Pafosy» goňşusy Gresiýanyň «Olimpiakos» topary bilen myhmançylykda golsuz deňme-deň oýnady. Şonuň ýaly-da, Norwegiýanyň «Bude-Glimt» topary hem Pragada «Slawiýa» bilen duşuşyp, soňky minutlarda ýeňlişden halas boldy (Mbodji 23, 74 — Bassi 78, Brunstad Fet 90).

**UEFA Çempionlar Ligasy**
**1-nji tapgyryň duşuşyklary:**

**ATLETIK BILBAO — ARSENAL: 0–2** /Martinelli 72, Trossar 87/, **PSW — ÝUNION SENT-ŽILLUAZ: 1–3** /Wan Bommel 90 — Dewid 9 p, Ait El Haj 39, Mak Allister 81/, **REAL MADRID — MARSEL: 2–1 /**Mbappe 29 p, 81 p — Wea 22/, **ÝUWENTUS — BORUSSIÝA DORTMUND: 4–4** /Ýyldyz 63, Wlahowiç 67, 90+4, Kelli 90+6 — Adeýemi 52, Nmeça 65, Kouto 74, Bensebaini 86 p/, **BENFIKA — GARABAG: 2–3** /Barreneçea 6, Pawlidis 16 — Andrade 30, Duran 48, Kaşuk 86/, **TOTTENHAM — WILÝARREAL: 1–0** /Luiz Junior 4 ö.d./, **OLIMPIAKOS — PAFOS: 0–0, SLAWIÝA PRAGA — BUDE-GLIMT: 2–2** /Mbodji 23, 74 — Bassi 78, Brunstad 90/, **AÝAKS — INTER: 0–2** / Markus Turam 42, 47/, **BAWARIÝA — ÇELSI: 3–1** /Çaloba 20, Keýn 27 p, 63 — Palmer 29/, **LIWERPUL — ATLETIKO MADRID: 3–2** /Robertson 4, Salah 6, Wan Deýk 90+2 — Llorente 45+3, 81/, **PARI SEN-ŽERMEN — ATALANTA: 4–0** /Markinios 3, Kwarasheliýa 39, Mendeş 51, Ramuş 90+1/

Klub Brýugge — Monako, Kopengagen — Baýer, Aýntraht — Galatasaraý, Mançester Siti — Napoli, Nýukasl — Barselona, Sporting — Kairat




# 32 ýyldan soň gazanylan yklym çempionlygy

**Basketbol boýunça erkekleriň arasyndaky 42-nji Ýewropa çempionatynda Germaniýanyň ýygyndysy ýeňiş gazandy. Germaniýanyň ýygyndysy finalda Türkiýäniň milli toparyny 88:83 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Germaniýanyň ýygyndysy 32 ýyldan soň 2-nji gezek yklymyň çempiony bolmagy başardy. Olar ilkinji çempionlygyny 1993-nji ýylda gazanypdy. Duşuşykda türkiýeli Alperen Şengünüň geçiren 28 utugy ýeňşe ýetmedi. Germaniýanyň ýygyndysynda çempionlyga Bonga 20, Wagner 18, Şröder 16 utuklyk goşant goşdy. Şunlukda, Germaniýanyň ýygyndysy Dünýä çempionlygyndan soň yklym ýaryşynda hem altyn medaly gazanmagy başardy.**

**Türkiýäniň ýygyndysy 24 ýyldan soň 2-nji gezek finala çykyp, ýene-de kümüş medal bilen kanagatlanmaly boldy.**

**Bürünç medal ugrundaky oýunda Gresiýanyň ýygyndysy ýarym finala çykan ilkinji skandinaw ýurdy bolan Finlýandiýany 92:89 hasabynda utup, 3-nji gezek 3-nji orny eýeledi.**

**Germaniýaly Dennis Şröder çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy. Aýzaak Bonga bolsa finalyň iň ökde oýunçysy baýragyna laýyk görüldi. Dennis Şröder, Frans Wagner, Alperen Şengün, Ýannis Antetokunmpo, Luka Donçiç dagy çempionatyň simwolik toparyna saýlandy. Türkiýäniň milli ýygyndysynyň tälimçisi Ergin Ataman çempionatyň iň ökde tälimçisi baýragy bilen sylaglandy.**

**Çempionat Kipriň Limassol, Finlýandiýanyň Tampere, Wengriýanyň Budapeşt hem-de Latwiýanyň Riga şäherlerinde geçirildi. Çempionata yklymyň 24 ýygyndysy gatnaşyp, olar 6 toparly 4 toparçada çykyş etdiler.**




| | |
|---|---|
| **19-njy sentýabr (anna)** | |
| Betis – Real Sosiedad (00:00) | |
| **20-nji sentýabr (şenbe)** | |
| **Liwerpul – Ewerton (16:30)** | |
| Hoffenhaým – Bawariýa (18:30) | |
| **Braýton – Tottenham (19:00)** | |
| Real Madrid – Espanýol (19:15) | |
| Werona – Ýuwentus (21:00) | |
| **Man. Ýunaýted – Çelsi (21:30)** | |
| **Udineze – Milan (23:45)** | |
| **21-nji sentýabr (ýekşenbe)** | |
| **Lasio – Roma (15:30)** | |
| **PSW – Aýaks (17:30)** | |
| **AZ – Feýenoord (19:45)** | |
| **Arsenal – Mançester Siti (20:30)** | |
| Baýer – Borussiýa M (20:30) | |
| **Krasnodar – Zenit (21:30)** | |
| Borussiýa D – Wolfsburg (22:30) | |
| Inter – Sassuolo (23:45) | |
| **Marsel – PSŽ (23:45)** | |
| **Barselona – Hetafe (00:00)** | |
| **22-nji sentýabr (duşenbe)** | |
| Napoli – Piza (23:45) | |

# Ogullarynyň gollaryna buýsanýan kaka

Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da 3-nji tapgyrda «Italia» derbisinde «Ýuwentus» öz meýdançasynda «Inter» bilen duşuşdy. Çekeleşikli we 7 goluň geçirilen duşuşygyň tribunasynda özboluşly myhman bardy. Fransiýaly ozalky futbolçy Lilian Turam ogullarynyň duşuşygyna tomaşa etmek üçin stadiona gelipdi. Onuň uly ogly Markus Turam «Interde», kiçi ogly Kefren Turam «Ýuwentusda» oýnaýar. Iki ogly hem toparlaryň esasy düzüminde meýdança çykyp, ikisi-de gol geçirip, kakalaryny begendirmegi başardy. «Ýuwentusdan» Kelli (14) we Ýyldyzyň (38), «Interden» Çalhanoglunyň (30, 65) gollaryndan soň duşuşyk 2–2 deňlikde barýarka, 76-njy minutda Markus myhmanlary öňe saýlady. Bu gol Lilian Turamy diýseň begendirdi. Ýöne 83-nji minutda bu gezek Kefren tapawutlanyp, hasaby deňledi we Lilian Turam ýene bir ýola begençli pursatlary başdan geçirdi. Duşuşygyň 90+1-nji minutynda Adžiç owadan gol geçirdi we Lilianyň kiçi oglunyň topary «Ýuwentus» 4–3 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Netijede, haýsysy ýeňse-de Lilian Turam üçin taryhy, buýsandyryjy pursatlar boldy. Hakykatdanam, bir wagtlar ençeme ýyllap «Ýuwentusyň» köýnekçesini geýen Lilian Turamy haýsy oglunyň geçiren goly has begendirdikä?!



# Salah 4-nji orna beýgeldi

Angliýanyň çempionaty «Premier Ligada» 4-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Tapgyryň merkezi duşuşygynda, Mançester derbisinde şäheriň gök reňkli topary ýeňiş gazandy. Ýagny «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Mançester Ýunaýtedi» Foden (18) hem-de Holannyň (53, 68) gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

Soňky çempion «Liwerpul» myhmançylykda «Börnli» toparyny 1–0 ýeňdi. «Liwerpula» ýeňiş getiren ýeke-täk goly 90+4-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Mohamed Salah geçirdi. Şunlukda, Salahyň APL-däki gollarynyň sany 188-e ýetip, ol Endi Kouldan öňe saýlandy we 4-nji orna beýgeldi.

«Arsenal» öz meýdançasynda Anž Postekogluny wezipä bellän «Nottingam Forest» toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi (Zubimendi 32, 79, Gýokereş 46). Şol netije «West Ham» bilen «Tottenhamyň» arasyndaky London derbisinde-de hasaba alnyp, myhmanlar ýeňşini baýram etdi (Sarr 47, Bergwall 57, Wan de Wen 64) geçirdi. Başga bir London derbisinde bolsa «Brentford» bilen «Çelsi» 2–2 hasabynda deňme-deň oýnap, utuklary paýlaşdy (Şade 35, Karwalýo 90+3 — Palmer 61, Kaisedo 85).

Arsenal — N. Forest: 3-0, Bornmut — Braýton: 2-1, K. Palas — Sanderland: 0-0, Nýukasl — Wulwerhempton: 1-0, Fulham — Lids: 1-0, Ewerton — A. Willa: 0-0, West Ham — Tottenham: 0-3, Brentford — Çelsi: 2-2, Börnli — Liwerpul: 0-1, M. Siti — M. Ýunaýted: 3-0





# Mark Markes ÇEMPIONLYGYŇ BOSAGASYNDA

Moto GP boýunça möwsümiň 16-njy ýaryşy San Marino «Gran Prisi» Italiýanyň Misano Adriatiko şäherçesindäki Marko Simonçelliniň adyny göterýän halkara trassada geçirildi. Ýaryşda 27 aýlawy 41 minut 20,898 sekuntda tamamlan «Ducati Lenovo» toparynyň ispan sürüjisi Mark Markes ýeňiji boldy. Bu onuň şu möwsümdäki 11-nji, karýerasy boýunça-da 73-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Ýaryşda italiýaly Marko Bezzekki («Aprilia») 2-nji, ýeňijiniň inisi Aleks Markes («BK8 Gresini») 3-nji orny eýeledi.

Bu ýeňişden soň çempionlyga ýene bir ädim golaýlan Mark Markesiň 512 utugy bar. 2-nji ýerdäki Aleks Markes 330, 3-nji basgançakdaky Françesko Banaia 237 utuk toplady. Markes 28-nji sentýabrda Ýaponiýanyň Motegi şäherinde geçiriljek 17-nji ýaryşda çempionlygyny yglan edip biler.



# Birinjilik ugrunda ýiti göreş

Dünýä Ralli çempionatynyň möwsümdäki 11-nji ýaryşy Çiliniň Biobio regionynda geçirilip, 16 tapgyrly 306,76 kilometrlik bäsleşikde Sebastian Ožie ýeňiş gazandy. «Toyota Gazoo» toparynyň fransuz sürüjisi ýaryşy 2 sagat 55 minut 42,1 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň bassyr 2-nji, möwsümdäki 5-nji, karýerasyndaky 66-njy ýeňşi boldy. Ožieden soň onuň britaniýaly topardaşy Elfin Ewans 2-nji, «Hyundai Shell Mobis» toparynyň fransuz sürüjisi Adrien Furmo 3-nji orny eýeledi.

Bu ýeňişden soň Ožie utugyny 224-e çykaryp, 1-nji orna beýgeldi. Ožie şu möwsümde 3 ýaryşa gatnaşman, çykyş eden rallileriniň ählisinde-de münbere çykmagy başardy. 2-nji ýerdäki Ewans Ožieden 2 utuk yzda bolup, ikisiniň arasynda çempionlyk ýaryşy ýokary depginde dowam edýär. «Toyota Gazoo» toparynyň başga bir sürüjisi, finlýandiýaly Kalle Rowanpera hem möwsümiň tamamlanmagyna 3 ýaryş galanda, 203 utuk bilen çempion bolmak mümkinçiligini saklap gelýär. Möwsümiň 12-nji ýaryşy 16-19-njy oktýabrda Germaniýanyň Bawariýa diýilýän ýerinde geçiriler.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

BOUYGUES TÜRKMEN

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Hormatly jenap Prezident!**

Sizi doglan günüňiz bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

«Bouygues Turkmen» şereketiniň ýolbaşçylarynyň we ähli işgärleriniň adyndan doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden çykýan gutlaglarymyzy, şeýle-de Size we ähli türkmen halkyna berk jan saglyk we abadançylyk baradaky arzuwlarymyzy kabul ediň.

Siziň ýurduň gülläp ösmegi we halkyň abadan ýaşaýşy üçin çekýän yhlasly zähmetiňiz – çuňňur hormata mynasyp hakyky hyzmatyň mysalydyr.

Siziň yhlasyňyzyň, tutanýerliligiňiziň we paýhasly baştutanlygyňyzyň netijesinde ýurduň ykdysady kuwwaty pugtalanýar, türkmen halkynyň baý ruhy we medeni däpleri goralyp saklanýar, Türkmenistanyň halkara arenasyndaky abraýy barha artýar.

Biz Size mundan beýläk hem Türkmenistanyň we türkmen halkynyň bähbidi üçin alyp barýan ähli işleriňizde üstünlik arzuw edýäris.

Goý, Siziň güýç-kuwwatyňyz, hoşniýetliligiňiz we paýhasyňyz ähli maksatlaryňyza ýetmäge we ýurduň ösüşi üçin täze gözýetimleri açmaga ýardam etsin.

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident, Size çäksiz hormat goýýandygymyz baradaky ynandyrmalarymyzy kabul ediň**

***«BOUYGUES TURKMEN» şereketiniň ýolbaşçylary we işgärleri***

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА ГОСПОДИНУ СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый господин Президент!**

Сердечно поздравляем Вас с днём рождения!

От имени руководства и всего коллектива компании «Буиг Туркмен» примите наши самые сердечные поздравления с днём рождения, а также пожелания крепкого здоровья Вам и благополучия всему туркменскому народу.

Ваш самоотверженный труд во имя процветания страны и людей – это пример подлинного служения, достойный глубокого уважения.

Благодаря Вашей преданности, целеустремлённости и мудрому руководству преумножается экономическая мощь государства, сохраняются и развиваются богатые духовные и культурные традиции туркменского народа, растет авторитет Туркменистана на международной арене.

Мы искренне желаем Вам дальнейших успехов во всех Ваших начинаниях во благо Туркменистана и туркменского народа.

Пусть Ваши энергия, оптимизм и мудрость помогают Вам в достижении всех поставленных целей и открывают новые горизонты для развития страны.

**Соблаговолите принять, глубокоуважаемый господин Президент, заверения в нашем самом высоком уважении и почтении**

***Руководство и сотрудники компании «BOUYGUES TURKMEN»***



**BANK SADERAT IRAN**
**Ashgabat branch**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Hormatly jenap Prezident!**

Sizi doglan günüňiz bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Türkmenistan halkara giňişlikde möhüm orun eýeleýän durnukly we kuwwatly döwletiň nusgasyny görkezýär.

Siziň ýokary şahsy häsiýetleriňiz, parasatlylygyňyz, döwlet Baştutany hökmünde ukyp-başarnyklaryňyz netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň abraýy, şan-şöhraty dünýäde has-da belende göterildi.

Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklarynyň ösdürilmeginde amala aşyrýan asylly işleriňiziň giňden ykrar edilýändigi aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

Döwlet ähmiýetli Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyry, sebitlerde häzirki zaman obalary, şäherçeleri, kiçi, orta we iri senagat önümçilikleri, ýokary tizlikli awtomobil ýollary ýaly iri taslamalary amala aşyrmak bilen, gülläp ösüşleriň, bagtyýar durmuşyň, döredijilikli zähmetiň gaýnapjoşýan mekanynyň, ynsan arzuwlarynyň hasyl bolýan ýurdunyň – Türkmenistanyň abraýyny has-da belende göterýärsiňiz.

**Hormatly Prezident!**

Pursatdan peýdalanyp, Siziň durmuşyňyzdaky bu şatlykly günde Size berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, jogapkärli döwlet işiňizde täze üstünlikleri, doganlyk türkmen halkyna bolsa parahatçylyk, ösüş we abadançylyk arzuw edýärin.

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Dolandyryjy Soruş HASSANI.**

**AJAÝÝP BINA**
HOJALYK JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Ýurdumyzda Siziň baştutanlygyňyzda dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklary ösdürilýär. Ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň, durnukly ösüşiň pugtalandyrylmagy üçin uly işler alnyp barylýar. Siziň täze taryhy döwrümizde yglan eden «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgäňize laýyklykda, öňde goýlan belent maksatlar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň ykdysady kuwwaty has-da ýokarlanyp, ata Watanymyz dünýäde syýasy we ykdysady taýdan durnukly ösýän ýurt hökmünde ykrar edilýär.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!**

Siziň baştutanlygyňyzda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda uly üstünlikler gazanylýar. Siziň döwlet Baştutanynyň wezipesinde çekýän ýadawsyz zähmetiňiziň netijesinde ýurdumyz hemmetaraplaýyn ösýär, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda giň gerimli işler alnyp barylýar. Bu gazanylýan üstünlikler, ýurdumyzyň halkara abraýynyň barha artmagy Siziň döwlet Baştutanynyň wezipesinde alyp barýan oňyn syýasatyňyzyň aýdyň beýanydyr. Goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, işleriňiz rowaç bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝÝP BINA» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**IRAN KHODRO Industrial Group**
IKCO

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENT!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglygyny, uzak ömür, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriňiziň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris!

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda durmuşa geçirilýän ägirt uly özgertmeleriň netijesinde, doganlyk Türkmenistanyň at-abraýynyň, şan-şöhratynyň Ýer ýüzünde barha belende göterilýändigine, türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlanýandygyna aýdyň göz ýetirýäris.

**Çuňňur hormatlanýan Prezident!**

Siziň taýsyz tagallalaryňyz bilen Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasyndaky syýasy, söwda-ykdysady hem-de medeni-ynsanperwer gatnaşyklary yzygiderli ösdürilýär. Häzirki wagtda Eýran Yslam Respublikasy Türkmenistanyň esasy söwda hyzmatdaşlarynyň biridir. Biziň kompaniýamyz hem türkmen-eýran hyzmatdaşlygyny has-da pugtalandyrmaga özüniň mynasyp goşandygyny goşmak ugrunda uly tagallalar edýär. Bize şeýle ajaýyp döwletde işlemäge döredip beren mümkinçilikleriňiz üçin Size öz çuňňur hoşallygymyzy bildirýäris.

**Hormatly Prezident!**

Sizi doglan günüňiz bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Goý, Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ösüşleriň täze belentliklerine ynamly barýan Türkmenistan mundan beýläk hem gülläp össün, at-abraýy we şan-şöhraty dünýä dolsun! Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun, döwlet ähmiýetli işleriňiz hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«EÝRAN KHODRO AŞGABAT KO» Golçur kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

HYUNDAI
corporation

## ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
## JENAP SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

**Çuňňur hormatlanýan jenap Prezident!**

Sizi doglan günüňiz bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**«HYUNDAI CORPORATION»** kompaniýasynyň ýolbaşçylarynyň we ähli işgärleriniň adyndan doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden çykýan gutlaglarymyzy kabul ediň. Size berk jan saglyk we ähli türkmen halkyna abadançylyk arzuw edýäris!

Siz döwlet Baştutany wezipesinde özüňiziň taryhy wezipäňizi anyk bilýän öňdengörüji we gujurly lider hökmünde tanalyp, Türkmenistanyň halkyny täze ajaýyp üstünliklere we rowaçlyklara alyp barýarsyňyz.

Häzirki wagtda Türkmenistan ykdysadyýeti güýçli we ykdysady taýdan durnukly bolan, iň çalt ösýän ýurtlaryň biridir. Ýurtda ylmy, medeni we bilim gurşawy gülläp ösýär, döwlet gurluşynyň ähli ugurlarynda möhüm görkezijiler gazanylýar.

**Çuňňur hormatlanýan jenap Prezident!**

Sizi doglan günüňiz bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys!

Goý, Siziň baştutanlygyňyzda Türkmenistan we onuň halky täze üstünliklere, uly rowaçlyklara beslensin.

**Çuňňur hormatlanýan jenap Prezident, biziň hoşniýetli arzuwlarymyzy hem-de Size çuňňur hormat goýýandygymyz baradaky ynandyrmalarymyzy kabul ediň.**

***«HYUNDAI CORPORATION» kompaniýasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.***

## ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА
## ГОСПОДИНУ СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

**Глубокоуважаемый господин Президент!**

Сердечно поздравляем Вас с днём рождения!

От имени руководства и всех сотрудников компании **«HYUNDAI CORPORATION»** примите наши самые наилучшие, искренние поздравления по случаю Вашего дня рождения, а также пожелания наикрепчайшего здоровья Вам и благополучия всему туркменскому народу.

На посту главы государства Вы показали себя дальновидным и энергичным лидером, ясно осознающим свою историческую миссию - вести народ Туркменистана к новым выдающимся достижениям и успехам.

Сегодня Туркменистан является одной из самых быстрорастущих стран с сильной экономикой и стабильным социальным сектором. В стране процветает научная, культурная и образовательная среда, а также достигнуты значительные показатели во всех областях государственного строительства.

**Глубокоуважаемый господин Президент!**

Позвольте еще раз поздравить Вас с днём рождения!

Пусть каждый день будет ознаменован для Вас новыми достижениями и большими успехами, а Туркменистан и его народ продолжат свой созидательный путь к новым вершинам прогресса и процветания.

**Соблаговолите принять, глубокоуважаемый господин Президент, заверения в нашем самом высоком уважении и почтении.**

***Руководство и сотрудники компании «HYUNDAI CORPORATION».***

# «BALKAN« GÄMI GURLUŞYK WE ABATLAÝYŞ ZAWODY» AGPJ

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ykdysadyýetiň ähli pudaklary boýunça uly ösüşler gazanylýar. Ýurdumyz sanlyja ýylyň içinde syýasatda, ykdysadyýetde, medeniýetde hem-de halkara hyzmatdaşlygynda uly üstünliklere eýe boldy. Türkmenistany dünýäniň ösen döwletleriniň birine öwürmek ugrunda alnyp barylýan tutumly işler türkmen döwletiniň dünýädäki abraý-mertebesini gün geçdigiçe belende göterýär.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!** Siziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgäňize laýyklykda ýurdumyzda adam hakyndaky alada elmydama üns merkezinde saklanylýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň milli kanunçylygyny kämilleşdirmek babatda uly işler alnyp barylýar. Size halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek ugrunda alyp barýan işleriňizde uly rowaçlyklar arzuw edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, mertebäňiziň hemişe belent bolmagyny arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«BALKAN» GÄMI GURLUŞYK WE ABATLAÝYŞ ZAWODY» AGPJ-niň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen parasatly ýörelgäňizden ugur alyp, agzybirlik bilen uly zähmet üstünliklerini gazanýan, seneleri şanly wakalara beslenýän halkymyz bagtyýar durmuşyň hözirini görüp ýaşaýar. Ata Watanymyzda durmuşa geçirilýän ykdysady özgertmeler ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn gülläp ösmegini üpjün edýär. Siziň pähim-parasatly, ynsanperwer, parahatçylyk söýüjilikli syýasatyňyz netijesinde ýurdumyzyň halkara abraýy barha artýar. Ýurdumyzyň halkara gatnaşyklardaky ornuny has-da berkitmek ugrunda öňde goýan belent maksatlaryňyz, alyp barýan ynsanperwer daşary syýasatyňyz dünýä derejesinde giň goldawa eýe bolýar. Siziň ýurdumyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmäge, ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen döwrebap özgertmeleriňiz, parahatçylyk, dostluk ýörelgelerine esaslanýan içeri we daşary syýasatyňyz, döretmek hem-de gurmak başlangyçlaryňyz barha rowaçlanýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi doglan günüňiz bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys! Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, işleriňiziň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Agzybir işgärlerimiziň adyndan Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Ýurdumyzda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, ata Watanymyzyň şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak, berkarar döwletimizi dünýäniň iň ösen ýurtlarynyň hataryna goşmak ugrunda uly işler alnyp barylýar.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!** Sizi doglan günüňiz bilen ýene bir gezek tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygynyň öň ýanynda Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Size berk jan saglyk, uzak ömür, egsilmez güýç-gaýrat, halkymyzyň bagtyýarlygynyň hem-de rowaçlygynyň bähbidine durmuşa geçirýän giň gerimli maksatnamalaryňyzyň üstünliklere beslenmegini arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# AGRi

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Siziň baştutanlygyňyzda Garaşsyz Watanymyzyň ösüşiň ýoly bilen ynamly öňe barýandygy, halkymyzyň rowaçlygyny yzygiderli ýokarlandyrmak boýunça giň gerimli işleriň alnyp barylýandygy buýsanjymyzy goşalandyrýar. Ýurdumyz dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny alyp baryp, ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň, durnukly ösüşiň pugtalandyrylmagyna saldamly goşant goşýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan asylly işleriňizde mundan beýläk hem üstünlikler arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«IPS AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# speedcast

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Size we bütin türkmen halkyna Türkmenistany gülledip ösdürmek ugrunda alyp barýan işleriňizde üstünlik, uzak ömür we abadançylyk arzuw edýäris!

**Jim FROWNFELTER,**
**«Speedcast» kompaniýasynyň baş ýerine ýetiriji müdiri.**

**TO THE HONORABLE PRESIDENT OF TURKMENISTAN SERDAR BERDIMUHAMEDOV!**

Congratulations and heartfelt wishes on His Excellency's birthday.

We wish good health, success and happiness in continuous work of taking Turkmenistan prosperity to Your and all the Turkmen people!

**Jim FROWNFELTER,**
**CEO «Speedcast».**

## «TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň «Garaşsyzlyk ýyllarynda biziň halkymyzyň ýüreginde Watana bolan söýgi, onuň güýç-kuwwatyna we geljegine bolan ynam, gurmaga, döretmäge bolan höwes, depginli ösüşini üpjün etmek islegi pugta orun aldy. Biz beýik işlerimizi Watanymyza bolan söýgimiz bilen amala aşyrýarys. Gaýratly zähmetimiz bilen Watanymyzyň beýikligini has-da şöhratlandyrýarys» diýip bellemegiňiz halkymyzda aýdyň geljege bolan beýik ynam döredýär. Siziň baştutanlygyňyzda ýurdumyzda senagat pudaklaryny ösdürmek, innowasion häsiýetli kärhanalaryň işini ýola goýmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan we eksport ugurly önümleriň önümçiligini döretmek, oba hojalygyny özgertmek, dokma önümçiligini giňeltmek, ýurdumyzyň ähli sebitlerinde täze iş orunlaryny döretmek we ilatymyzy durmuş taýdan goramak boýunça toplumlaýyn işler ýerine ýetirilýär.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, türkmen halkynyň bagtyýarlygynyň, ýurdumyzyň gülläp ösmeginiň bähbidine alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris! Siziň berkarar Watanymyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmäge, ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, mähriban halkymyzyň durmuş hal-ýagdaýyny has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen döwrebap özgertmeleriňiz, parahatçylyk, dostluk ýörelgelerine esaslanýan içeri we daşary syýasatyňyz, döretmek hem-de gurmak başlangyçlaryňyz elmydama rowaçlyklara, üstünliklere beslensin!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.**
**«MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY**
**RESMI DILERI**

## «MERTLIK RUHY» H.J. «HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň taýsyz tagallalaryňyz netijesinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi ähli ulgamlar boýunça sazlaşykly ösdürmäge, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, bagtyýar türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga gönükdirilen iri möçberli döwlet maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär. Siziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen parasatly ýörelgäňizden ugur alyp, agzybirlik bilen uly zähmet üstünliklerini gazanýan, seneleri şanly wakalara beslenýän merdana halkymyz bagtyýar geljege tarap ynamly gadam urýar.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!**

Sizi doglan günüňiz mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, ata Watanymyzyň ösüşiniň bähbidine alyp barýan giň gerimli işleriňizde mundan beýläk hem üstünlikler arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«MERTLIK RUHY» H.J.**
**«HYUNDAI» Türkmenistandaky**
**Resmi distribýutory**

## HUAWEI

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanýan jenap Prezident!**

Sizi türkmen halkynyň ajaýyp toý-baýramyna öwrülen şanly sene – doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Türkmenistan sazlaşykly ösüşiň we rowaçlygyň ýoly bilen ynamly öňe barýar, dünýädäki abraý-mertebesini barha berkidýär.

Sizi şanly sene – doglan günüňiz mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys! Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, mertebäňiz has-da belent bolsun! Size türkmen halkynyň nurana geljeginiň bähbidine amala aşyrýan beýik we tutumly işleriňizde rowaçlyklary arzuw edýäris!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»**
**kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА**
**СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый господин Президент!**

Сердечно поздравляем Вас со ставшим для всего народа страны знаменательным праздничным событием – днём рождения!

Туркменистан уверенно идет по пути динамичного развития и процветания, активно укрепляет свой авторитет в мире.

Еще раз сердечно поздравляем Вас с замечательным событием – днём Вашего рождения! Желаем Вам доброго здоровья, долголетия и новых больших успехов в Вашей грандиозной деятельности во имя светлого будущего мужественного народа страны!

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании**
**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»**
**в Туркменистане.**

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Agzybir işgärlerimiziň adyndan Sizi doglan günüňiz mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň öňe süren «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgäňiziň düýp özeninde halkymyzyň bagtyýarlygy hakyndaky çuňňur alada ýatyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz durmuşyň ähli ugrunda uly üstünliklere eýe bolýar. Siziň baştutanlygyňyzda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, ata Watanymyzyň şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak, berkarar döwletimizi dünýäniň iň ösen ýurtlarynyň hataryna goşmak ugrunda uly işler alnyp barylýar.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!** «Deňiz söwda floty» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işgärleri ýurdumyzda alnyp barylýan işlere tüýs ýürekden buýsanýarlar. Olar şanly wakalara beslenýän üstümizdäki ýylda hem öňde goýlan belent maksatnamalary üstünlikli ýerine ýetirmek üçin joşgunly zähmet çekýärler.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi doglan günüňiz bilen ýene bir gezek tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY»**
**ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**